

# Merkezi Aziýada suw çeşmelerini dolandyrmakda gender çemeleşmesi

Suw hojalygynyň işgärleri üçin usuly gollanma

Organization for Security and Co-operation in Europe

Bu neşir Finlýandiýanyň hökümetiniň maliýe goldawyny bermeginde “Zenanlar, suw dolandyryşy we dawa-jenjelleriň öňüni almak - II tapgyr” taslamasynyň çäginde taýýarlandy.

© 2020 Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG)

Taslama ÝHHG-nyň Ykdysady we ekologiki işlerini utgaşdyryjysynyň edarasy tarapyndan ÝHHG-nyň Baş sekretarynyň edarasynyň Gender bölümi bilen bilelikde dolandyrylýar.

**Guramaçylyk, taslama dolandyryş goldawy we syn:**
Saule Ospanowa, Sogol Jafarzadeh, Giulia Sechi we Abdulvahhobi Muminjoniyon

**Mazmunyny taýýarlamak we gözleg:**
Juana Vera Delgado we Nozila Mukhamedova

**Redaktirlemek:**
Geoff Hughes, Zoï Environment Network

**Dizaýn we çapa taýýarlamak:**
Carolyne Daniel, Zoï Environment Network

Bu ýerde öňe sürlen pikirler, ÝHHG-nyň resmi pikirlerini görkezmeýär. Bu neşirde ulanylan bellikler we berilýän materiallar, bu guramalaryň haýsydyr bir ýurduň, sebitiň, şäheriň ýa-da etrabyň ýa-da olaryň häkimiýetleriniň kanuny ýagdaýy ýa-da olaryň serhetleriniň ýa-da çäkleriniň çäklendirilmegi bilen baglanyşykly haýsydyr bir pikiriň beýan edilmegini aňlatmaýar.

Neşiriň deslapky görnüşi Tälimçileriň okuwynda (2019-njy ýylyň noýabry, Özbegistan) tanyşdyryldy. Merkezi Aziýadan gelen gatnaşyjylaryň tejribeleri we pikirleri ahyrky hasabatda peýdalanyldy. ÝHHG-nyň Özbegistandaky taslamalarynyň utgaşdyryjysynyň edarasyna bu çäräni gurandygy üçin minnetdarlyk bildirýäris.

Bu neşiriň taýýarlanmagyna goşandyny goşan ÝHHG-nyň Ykdysady we ekolgoiki işleriniň utgaşdyryjysynyň edarasynyň, ÝHHG-nyň Baş sekratariatynyň Gender we KHBS (Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri) bilen gatnaşyklar bölüminiň, ÝHHG-nyň Dawa-jenjelleriň öňüni almak boýunça merkeziniň Merkezi Aziýa bölüminiň, Özbegistandaky ÝHHG-nyň Taslamalaryny utgaşdyryjysynyň edarasynyň we Finlandiýanyň ÝHHG-daky wekiliýetiniň işgärlerine öz minnetdarlygymyzy bildirýäris.

# Mazmuny


**Giriş ........................................................................................................ 4**

s.5 Gender we adam hukuklary
s.6 Gender meseleleriniň hasaba alynmagynyň esaslandyrylmagy
s.6 Gender we daşky gurşaw
s.7 Suw çeşmelerini dolandyrmak we gender meseleleri
s.7 Merkezi Aziýada suw çeşmelerini dolandyrmak we gender meseleleri

**Merkezi Aziýada suw çeşmelerini dolandyrmak .................................. 8**

s.9 Suw hojalygyny dolandyrmagyň oňat ýörelgeleri
s.11 Ulanyşyň beýleki görnüşleri we howanyň üýtgemegi
s.11 Serhetara çeşmeler
s.12 Suw çeşmeleriniň inklýuziw we ylalaşylan dolandyrylyşy

**Guramaçylyk meseleleri ................................................................... 14**

s.15 Ukyplylygy ösdürmek
s.17 Býujeti düzmek
s.19 Işgärleri saýlap almak

**Guramalarda gender meselelerini hasaba almak ................................ 20**

s.22 Umumy syn
s.23 **Ädim 1:** Gender meselelerine baha bermek
s.25 **Ädim 2:** Gurama üçin gender jogapkärçliginiň anyk garaýşyny düzmek
s.26 **Ädim 3:** Gender meseleleri boýunça iş meýilnamasyny işläp düzmek
s.28 **Ädim 4:** Görkezijileriň toplumyny işläp taýýarlamak
s.30 **Ädim 5:** Býujet düzmekligi we hasabatlylygy sazlamak

**Gysgaltmalar ........................................................................................ 31**

**Salgylanmalar ........................................................................................ 32**

**Goşundy: Gender meselelerine baha bermegiň gurallary ................... 33**

# Giriş



Täjigistan.
Suwaryş ýabynyň boýundaky zenan.
© Peter van Agtmael/Magnum Photos

Merkezi Aziýanyň bäş ýurdynda - Gazagystanda, Gyrgyzystanda, Täjigistanda, Türkmenistanda we Özbegistanda - hem-de umuman sebitde suw çeşmelerini dolandyrmak boýunça uly kynçylyklar bar.



Ilat sany we ykdysadyýetler ösýär, şonuň bilen birlikde-de suwa bolan içmek we arassaçylykdan başga-da, pudaklaýyn ulanyjy talaplary, ýagny senagat, suwarymly oba hojalygy we gidroenergetika maksatly talap hem artýar. Üpjünçilik tarapyndan garanyňda howanyň üýtgemegi temperaturany ýokarlandyrýar, ygallaryň we ereýän buzluklaryň rejesini bozýar, bularyň ählisi suw üpjünçiligini ýa-da suwuň geliş wagtyny azaldyp biler. Tupanlar, guraklyklar we beýleki aşa howa hadysalary suw üpjünçiligine päsgel berip, suw çeşmelerine bolan talabyň artmagyna getirip biler.

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG) Suw çeşmelerini toplumlaýyn dolandyrmak boýunça türgenleşik okuwlary, suw ulanyjy assosiasiýaslaryna we derýa howuzlarynyň geňeşlerine goldaw bermek hem-de raýat jemgyýetiniň gatnaşmagyny höweslendirmek arkaly ýerlikli suw dolandyryşyny öňe sürýär. Halkara guramalar, milli hökümetler we raýat jemgyýeti bilen hyzmatdaşlykda işlemek arkaly ÝHHG, dürli ugurlarda daşky gurşaw we howpsuzlyk meseleleri bilen meşgullanýar. Tebigy baýlyklary, esasanam suwy, ýurtlaryň aýratynlykda we olaryň arasynda durnukly dolandyrmagy üpjün etmek, betbagtçylyklaryň howpuny azaltmak, howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly kynçylyklary çözmek we howply galyndylary howpsuz dolandyrmak üçin amala aşyrylýan taslamalary we çäreleri goldaýar.

ÝHHG, özüniň ähli maksatnamalarynda we gatnaşyjy döwletleriň hökümetlerine tehniki goldawynda gender meselelerini göz öňünde tutýar. ÝHHG Merkezi Aziýadaky suw hojalygyny dolandyrmakta gender meselelerini hasaba almak boýunça şu gollanmmany suw hojalygynyň hünärmenleri üçin taýýarlady. Suw hojalygyny dolandyrmaklykda gender meselelerini hasaba almaklyk durnuklylyga we howpsuzlyga ýardam berýär, çünki bu has netijeli syýasatyň taýýarlanmagyna hem-de durmuş deňagramsyzlygyň we dartgynlygyň azalmagyna sebäp bolup bilýär. Zenanlar we erkekler suwuň nädip ulanylmalydygy barada deň derejede çözgüt kabul edenlerinde, alnan çözgütler maksada has gowy gönükdirilen we tutuş ilatyň talaplaryny has oňat beýan ediji bolýar.

## Gender we adam hukuklary

Birleşen Milletler Guramasynyň Adam Hukuklary boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirligine (AHÝKM) görä: “Gender deňligi adam hukuklarynyň we Birleşen Milletler Guramasynyň gymmatlyklarynyň özenidir”. Birleşen Milletler Guramasynyň 1945-nji ýylda dünýä liderleri tarapyndan kabul edilen Tertipnamasynyň esasy ýörelgesi – "erkekleriň we zenanlaryň deň hukuklylygy" hem-de zenanlaryň adam hukuklaryny goramak we öňe sürmek ähli döwletleriň jogapkärçiligidir”.[1] Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we durmuş Geňeşi gender meseleleriniň hasaba alynmagyna erkekleriň we zenanlaryň meseleleriniň we tejribeleriniň syýasy, ykdysady we durmuş syýasata hem-de maksatnamalara zenanlaryň we erkekleriň deň bähbitleriniň maksatlary üçin ornaşdyrmagyň hem-de netijesinde gender deňligine ýetmegiň strategiýasy hökmünde garaýar.[2]

Birleşen Milletler Guramasynyň gender deňligi hem-de zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmegiň meseleleri bilen meşgullanýan BMG-Zenanlar guramasy, bu pikir goldaýar we onuň netijelerini şeýle düşündirýär:

Şeýlelikde, gender deňligi umumy we uzakmöhletleýin ösüş maksady bolup, gender meseleleriniň hasaba alynmagy bu strategiki çemeleşmäniň anyk toplumydyr, şeýle hem bu maksada ýetmek üçin kabul edilen tehniki we institusional prosseslerdir. Gender meseleleriniň hasaba alynmagy gender deňligini milli döwlet we hususy guramalaryna, merkezi ýa-da ýerli syýasatlaryna, şeýle hem hyzmatlara we pudaklaýyn maksatnamalaryna ornaşdyrýar. Uzakmöhletleýin geljekde ol diskriminasion durmuş institutlaryň, kanunlaryň, medeni kadalaryň we jemgyýetçilik adatlarynyň - mysal üçin zenanlaryň hususy eýeçilik hukuklaryny ýa-da olaryň jemgyýetçilik gurşawlarynda bolmagyny çäklendirýän - özgerdilmegine gönükdirilendir.[3]

Gender meseleleriniň hasaba alynmagy - bu Birleşen Milletler Guramasynyň we halkara jemgyýetçiliginiň zenanlaryň we gyzjagazlaryň hukuklarynyň BMG-nyň özüni bagyş eden adam hukuklarynyň bir bölegi hökmünde amala aşyrylmagy üçin saýlap alan çemeleşmesidir.Gender equality is the goal, and gender mainstreaming is the process.[4] Gender deňligi – bu maksat, gender meseleleriniň hasaba alynmagy bolsa prossesdir.

[1] BMG-nyň AHÝKM, Zenanlaryň Adam Hukuklary we Gender Deňligi

[2] BMG-Zenanlar, Gollanma belligi: Ösüş maksatnamalarynda gender meseleleriniň hasaba alynmagy (Nýu-Ýork, 2014)

[3] Şol ýerde.

[4] ÝUNISEF, Gender Deňligi: Adalgalar we düşünjeler sözlügi. (ÝUNISEF-iň Günorta Aziýa boýunça sebit bölümi, 2017), s.4

## Gender meseleleriniň hasaba alynmagynyň esaslandyrylmasy

Iş ýüzünde gender meseleleriniň hasaba alynmagy syýasatlaryň taýýarlanylmagyny we taslamalaryň dolandyrylyşyny gowulnadyrýar we degişli bolanlaryň ählisiniň isleglerini kanagatlandyrýar hem-de deňsizligiň galmazlaygyny üpjün edýär. Gender meseleleriniň hasaba alynmagy deňsizligi ýüze çykarmak maksady bilen häzirki ýagdaýyň seljerilmegini we yzyndan deňsizligi aradan aýyrýan syýasatyň işlenip düzülmegini hem-de oňa sebäp bolan mehanizmleriň ýatyrylmagyny göz öňünde tutýar.[5] Mundan başgada, halkara hemaýatkärler we beýleki taraplar, özüniň gündelik işlerinde gender meselelerini hasaba alýan guramalara uly ähtimallyk bilen öz goldawlaryny bererler.

**Gender körlügi** – bu anyk durmuş, medeni, ykdysady we syýasy nukdaýnazardan zenanlara/gyzlara we erkeklere/oglanlara berilýän orny we wezipeleri ykrar edip bilmezlikdir.[6]

**Gender taýdan bitarap** syýasatlar – bu gender gatnaşyklary ýa-da zenanlaryň we erkekleriň arasyndaky deňlik nukdaýnazaryndan oňyn ýa-da ters täsir etmeýän maksatnamalar ýa-da ýagdaýlardyr.[7]

**Gender taýdan duýgur** maksatnamalar ýa-da syýasatlar gender kadalaryny, orunlaryny we deňsizligini göz öňünde tutýar we bu meseleler barada habardarlygy atdyrýan bolsa hem, degişli çäreler durmuşa geçirilmän hem biler.[8]

**Gender soraglaryny göz öňünde tutýan** maksatnamalar we syýasat – gender kadalaryny, orunlaryny we deňsizligini göz öňünde tutýar hem-de olary aradan aýyrmak üçin işjeň çäreleri durmuşa geçirýär. Şonuň ýaly maksatnamalar duýgurlygy we habardarlygy artdyrmagyň çäklerinden çykyp, gender deňsizligini iş ýüzünde aradan aýyrlar.[9]

## Gender we daşky gurşaw

Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky gurşaw maksatnamasy 2016-njy ýyldaky Bütindünýä gender we daşky gurşawyň geljegi nukdaýnazaryndan zenanlaryň we erkekleriň daşky gurşawy dürli kabul etmegine gender orunlarynyň nähili täsir edip bilýändigini düşündirýär:

Durmuş taýdan gurnalan gender orunlary daşky gurşawa garanyňda zenanlaryň we erkekleriň özüni alyp barşynda hem-de daşky gurşawdaky üýtgeşmeleriň agentleri hökmünde nähili hereket edip biljekdikleriniň (ýa-da hereket edip bilmejekdikleriniň) dürlilikleri döredýär. Hatda garaýmaga, jynsa görä sada iş paýlanyşygy hem, olaryň daşky gurşawy kabul edişine täsir edip bilýär. Eger erkekler diňe açyk deňizde balyk tutsa, zenanlar bolsa diňe kenarýaka mangraly zolaklarda balyk tutsa, olar hökmany suratda ekologiki bilimleriň we tejribeleriň dürli toplumyna eýe bolarlar. Ýa-da, eger erkekleriň köpüsi işe awtoulagly gatnasalar, zenanlar bolsa jemgyýetçilik ulagyny ulansalar, onda olar daşky gurşawy we ondaky üýtgeşmeleri dürli garaýyş nokatlaryndan görerler.

Olaryň daşky gurşawdaky dürli ýagdaýlary, zenanlaryň we erkekleriň dürli ekologiki meselelere we howplara sezewar bolýandyklaryny hem-de ekologiki meseleleriň we degişli öňüni alyş, uýgunlaşma we çözgüt çäreleriniň çynlakaýlygy barada dürli pikirleriniň bardygyny aňladýar. Mundan başga-da, gender orunlarynyň durmuş gurluşy sebäpli olaryň daşky gurşawdan many çykarmak we ondaky üýtgeşmeler babatynda dürli – adatça deň däl – mümkinçilikleri we çemeleşmeleri bolup biler.[10]

[5] ÝGDI, Gender çemeleşmesi näme

[6] ÝGDI, Gender körlügi

[7] ÝGDI, Gender taýdan bitarap

[8] BSG, Saglygy goraýyş ulgamynda AIW maksatnamalaryna gender soraglarynyň ornaşdyrylmagy: Zenanlaryň isleglerine duýgurlygy ýokarlandyrmagyň guraly (BSG-nyň metbugaty, 2009)

[9] Şol ýerde.

[10] BMG-nyň DGM, Bütindünýä gender we daşky gurşaw perspektiwasy (BMG Daşky gurşaw, 2016), s.22

## Suw çeşmelerini dolandyrmak we gender meseleleri

Islendik çäkli çeşme üçin bäsdeşlik gapma-garşylyga eltip biljek dartgynlygy döredip bilýär. Suw bolsa ýerli, milli we sebitleýin derejede aýgytlaýjy häsiýete eýe bolan strategiki çeşmedir. Suw çeşmelerini dolandyrmakda gender meseleleriniň hasaba alynmagy durnuklylyga we howpsuzlyga goldaw berip bilýär, çünki has netijeli syýasata hem-de durmuş deňsizligiň we dartgynlygyň azalmagyna alyp barýar diýip, ÝHHG hasap edýär. Şeýle-de, suw çeşmelerini dolandyrmakda inklýuziw çemeleşme aýdyňlygy ýokarlandyryp, parahorlugy azaldýar.[11]

“BMG-Suw çeşmeleri” guramasyna laýyklykda: "Dünýä suw çeşmelerini üpjün etmegiň, dolandyrmagyň we saklamagyň, şeýle hem ýeterlik sanitariýany we gigiýenany üpjün etmek arkaly jemgyýetçiligiň saglygyny we şahsy mertebesini goramagyň özeninde gender garaýyşlary bardyr. Suw çeşmelerini dolandyrmakda we sanitariýada zenanlaryň esasy orny eýelemegi, ylaýtada ösüp barýan ýurtlarda, ösüş çygryndaky işleriň ähli derejelerinde günsaýyn has köp ykrar edilýär”.[12]

## Merkezi Aziýada suw çeşmelerini dolandyrmak we gender meselesi

Merkezi Aziýada suw çeşmelerini dolandyrmak bilen baglanyşykly ýagdaýyň kyn bolmagy dowam edýär. Ilatyň artmagy we ykdysadyýetiň ösmegi bilen suwa bolan talap hem artýar, suw üpjünçilik derejesi bolsa möwsüme we ulanylyşyna görä üýtgeýär. Adatdan daşary howa ýagdaýlary wagtyň geçmegi bilen has ýygy-ýygydan gaýtalanýar we güýji has-da artýar. Taryhy kadalar mundan beýläk hereket etmeýär, suw aýlanyşygyndaky bozulmalar bolsa suw çeşmeleriniň meýilleşdirilimegini we dolandyrylyşyny bozýar. Şu üýtgäp duran şertleriň ýagdaýynda, suw çeşmeleriniň bäsdeşlikli ulanylyşynyň her gezeginiň netijesinde gender meseleleriniň hasaba alynmagyny talap edýär. Suw çeşmelerini dolandyrmakda hemmetaraplaýyn we hyzmatdaşlykly çemeleşme, köp sanly ulanyjylaryň özarabaglanyşykly talaplaryny göz öňünde tutmak bilen, gender meseleleriniň pudaklaýyn derejede hasaba alynmagyna ýardam berip biler. Hem zenanlaryň, hem-de erkekleriň dolandyryşyň we çözgüt kabul edýän edaralaryň ähli derejelerinde orun almaklary suw çeşmeleriniň dolandyrylyşyny we taslamalaryň netijeliligini gowulandyrar, şeýle hem ekologiki, durmuş we ykdysady durnuklylygyň ähtimallygyny ýokarlandyrar.



### Nusgalyk mysal: Suw ulanyjylaryň assosiasiýalary

Žyldyz Ysmanowa Suw çeşmeleri boýunça Merkezi Aziýa birleşmesinde gender meseleleri boýunça bilermen. Ol Gyrgyzystandaky tejribesi bilen paýlaşdy. Gyrgyzystanda bar bolan 633 suw assosiasiýalaryň ýarysyndan gowragynda gender boýunça deňagramly dolandyryş bar.

Zenanlaryň bu assosiasiýalaryň dolandyryşynda wezipe alan ýagdaýynda bu assosiasiýalaryň has netijeli işleýändigini belläp geçmek gerek, sebäbi suwuň esasy ulanyjylary zenanlardyr. Mysal üçin, dolandyryş agzalary diňe erkekler bolan ýagdaýynda, olar günüň dowamynda dört sagat suw üpjünçiligini göz öňünde tutup, öý hojalygynyň suw talaplaryny göz öňünde tutmaýarlar. Umuman aýdanymyzda, suwa bolan talap barada zenanlar has gowy habardar bolup, özleriniň azaplaryny yeňilleşdirmek üçin indiki turbanyň nirden geçirilmelidigini has takyk bilýärler.[13]

[11] ÝHHG, Zenanlar, suw we howpsuzlyk. (Daşky gurşaw çäreleri, Gender deňligi, 2015)

[12] BMG-Suw çeşmeleri, Jynsa görä bölünen suw we sanitariýa maglumatlary: Bilermenler toparynyň ýygnagynyň hasabaty. (BMG-Suw çeşmeleri Ukyplylygy ösdürmek boýunça on ýyllyk maksatnama, 2009), s. 4

[13] ÝHHG, Zenanlar, suw we howpsuzlyk. (Daşky gurşaw çäreleri, Gender deňligi, 2015)

# Merkezi Aziýada suw çeşmelerini dolandyrmak



Gazagystan, Žetysaý.
Žetysaýyň suwarymly meýdanlary Gazagystanda pagta önümçiliginde öňdebaryjydyr.
© Carolyn Drake/Magnum Photos

Merkezi Aziýanyň ýurtlaryny umumy suw çeşmeleri we olary bilelikde dolandyrmagyň taryhy birleşdirýär. Ýurtlaryň we sebitiň öňünde duran häzirki wezipe, suwa talabyň ýokarlanýan wagtlarynda bäsdeş ulanyjylaryň arasynda deňagramlylygy nädip saklamaly.



## Suw çeşmelerini dolandyrmagyň dogry ýörelgeleri

Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasy (YHÖG) suw çeşmelerini dolandyrmakda netijeliligi, täsirliligi, ynamy we goşulyşmaklygy ýokarlandyrmak üçin 12 ýörelgäni kesgitleýär:

1. Suw syýasatyny işläp taýýarlamakda, ony amala aşyrmakda, operatiw dolandyryşda we kadalaşdyrmakda wezipeleri we borçlary aýdyň kesgitläň we paýlaň, şeýle hem bu jogapkär edaralaryň arasynda utgaşyklyga goldaw beriň.
2. Suw çeşmelerini ýerli şertleri görkezýän we dürli merkezleriň arasynda utgaşyklyga goldaw berýän, suw çeşmeleriniň howuzlaryny dolandyrmagyň ornaşdyrylan ulgamlarynyň çäklerinde degişli göwrümlerde dolandyryň.
3. Netijeli pudagara utgaşdyrma arkaly syýasat ylalaşyklygyny höweslendirmeli, esasan hem suw çeşmeleri we daşky gurşaw, saglygy goraýyş, energetika, oba hojalygy, senagat, giňişlikdäki meýilleşdirme we ýer ulanyş babatyndaky syýasatlaryň arasynda.
4. Jogapkär edaralaryň mümkinçilikleriniň derejesini çözülmeli suw meseleleriniň çylşyrymlylygyna hem-de özleriniň borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin gerek bolan ukyplylyklaryna görä uýgunlaşdyrmaly.
5. Suw we onuň bilen bagly yzygider, deňeçer we syýasat üçin aktual bolan maglumatlary öz wagtynda öndürmek, täzelemek we alyş-çalyş etmek hem-de olary dolandyrmak, baha bermek we suw syýasatyny gowulandyrmak üçin ulanmak.
6. Dolandyryşyň mehanizminiň suw hojalygynyň maliýeleşdirilmegini toparlamaga hem-de maliýe çeşmeleriniň netijeli, aýdyň we öz wagtynda paýlanmagyna kömek berýändigine göz ýetiriň.
7. Suw hojalygynyň dolandyrylyşynda jemgyýetçiligiň bähbitleri üçin ygtybarly kadalaşdyryjy ulgamyň netijeli ornaşdyrylmagyny we onuň talaplarynyň berjaý edilmegini üpjün ediň.
8. Suw çeşmelerini dolandyrmagyň innowasion usullarynyň ähli jogapkär edaralarda, dolandyryşyň ähli derejelerinde we oňa gatnaşyjylaryň arasynda girizilmegini we ornaşdyrylmagyny höweslendirmek.
9. Suw syýasatynda, suw hojalygynyň edaralarynda we suw çeşmelerini dolandyrmagyň gurluşlarynda çözgüt kabul etmekde has ýokary hasabatlylygyň we ynamyň bolmagy üçin, adyllyk we aýdyňlyk ýörelgeleriniň berjaý edilmegini üpjün etmek.
10. Gyzyklanma bildirýän ähli taraplaryň suw çeşmeleri pudagynda syýasatyň işlenip taýýarlanylmagyna we amala aşyrylmagyna oýlanyşykly we maksada okgunly gatnaşmaklaryny höweslendirmek.
11. Suw ulanyjylarynyň, oba we şäher sebitleriniň hem-de dürli nesilleriň arasynda ylalaşyga ýetmäge kömek berýän suw çeşmelerini dolandyrmak ulgamlarynyň ösdürilmegini höweslendirmek.
12. Zerurlyk bolan ýerinde yzygider gözegçiligiň geçirilmegini we suw hojalyk syýasatyna hem-de dolandyrylyşyna baha berilmegini höweslendirmek; netijeler barada barada jemgyýetçiligi habardar etmek we gerek bolan ýagdaýynda olara düzediş girizmek.[14]

[14] YHÖG, YHÖG-nyň Suw çeşmelerini dolandyrmak ýörelgeleri. (Telekeçilik Merkezi, KOK-lar, sebitler we şäherler, 2015), s.12

Suw hojalygyny dogry dolandyrmak ýörelgeleri umuman dogry dolandyrmagyň ýörelgelerinden gelip çykyp, adalatlyk, netijelilik, desentralizasiýa, intergrasiýa, aç-açanlyk we hasabatlylyk düşünjeleriniň esasynda düzülýär. Bu ýörelgeler, suw çeşmelerini dogry dolandyrmagyň içden geçýän konsepsiýasy bolan, Suw çeşmeleriniň integrirlenen dolandyryşynyň (SÇID) gurluşyk bölekleri bolup durýandyr.

Bütindünýä suw hyzmatdaşlygyna (BSH) laýyklykda SÇID – bu “möhüm daşky gurşaw ulgamlarynyň durnuklylygyna zyýan bermezden ykdysady we durmuş taýdan abadançylygy ýokarlandyrmak arkaly suw, ýer we degişli çeşmeleri utgaşdyrylan ösüşi we dolandyryşy” öňe sürýän prosesdir[15].

1992-nji ýylda Rio-de-Žaneýro sammitiniň öňüsyrasynda taýýarlanan Suw çeşmeleri we durnukly ösüş baradaky Dublin beýannamasy, suw çeşmelerini dolandyrmagyň ýörelgelerini beýan edýär. BSH ýörelgeleri şu görnüşde jemleýär: “Suw çeşmeleriniň integrirlenen dolandyrylyşy adalatly we netijeli dolandyryşa hem-de suwuň durnukly ulanylmagyna esaslanýar. Suw ekoulgamyň aýrylmaz bir bölegi, tebigy çeşme hem-de mukdary we hiline görä onuň ulanylyşyny kesgitleýän durmuş we ykdysady bähbit bolup durýar.”



### Nusgalyk mysal: Fergana jülgesi

Çäkli suw çeşmelerine bolan bäsdeşlik halkara dawa sebäp bolup biler diýip ykrar edildi. Muňa garamazdan aýry-aýry ýurtlar we halkara ulgam bu howpy dolandyrmaklygy öwrendi.[16]

Fergana jülgesinde SÇID şunuň ýaly howplary azaltmaga we suw çeşmelerini dolandyrmakda netijeliligi ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Ol has aşaky derejelerde kabul edildi (esasy kanal, suw ulanyjylarynyň asssosiasiýasy we daýhanlar) we şu aşakda berlen derejeleriň arasynda gatnaşyklary sazlady. Çözgüt kabul etmeklikde ulanyjylaryň gatnaşygynyň giňelmegi suw ýitgilerini azaltmaga, suw göýberilişine gözegçilik etmäge we ähli ulanyjylaryň arasynda suw paýlanyşygyny gowulandyrmaga kömek etdi.

Fergana jülgesiniň SÇID-nda suw çeşmelerini dolandyrmagyň iýerarhiýasynyň birnäçe derejelerini öz içine alýan köp derejeli çemeleşme kabul edildi. Şol sanda ahyrky ulanyjylardan hem-de öňki kolhozlaryň we sowhozlaryň içerki torundan başlap, esasy kanallaryň we ondan aňyrda uly bolmadyk serhetara derýalaryň howuzlaryna çenli. Suw çeşmelerini dolandyrmak boýunça edaralar dürli derejelerdäki gidrografik ýörelgeler esasynda döredildi. Bu bolsa, suw üpjünçilik ulgamlaryny administratiw birlikleriň çäklerinde dälde, gidrologiki birlikleriň çäklerinde dolandyrmaga mümkinçilik berýär.[17]

[15] BSH, Merkezi Aziýada Suw çeşmeleriniň integrirlenen dolandyryşy: Uly göwrümli serhetara derýalaryny dolandyrmagyň meseleleri. (Bütindünýä Suw Hyzmatdaşlygy, 2014), s.2

[16] BMG-nyň Daşky gurşaw maksatnamasy, BMG-nyň Ösüş maksatnamasy, ÝHHG, NATO, Daşky gurşaw we Howpsulyk: Howplary hyzmatdaşlyga öwürmek. (BMG-nyň Daşky gurşaw maksatnamasy, BMG-nyň Ösüş maksatnamasy, ÝHHG, NATO, 2005), s.11

[17] BSH, Merkezi Aziýada Suw çeşmeleriniň integrirlenen dolandyryşy: Uly göwrümli serhetara derýalaryny dolandyrmagyň meseleleri. (Bütindünýä Suw Hyzmatdaşlygy, 2014), s.17

## Ulanyşyň beýleki görnüşleri we howanyň üýtgemegi

Merkezi Aziýada suw çeşmelerini dolandyrmaklyk energetika, oba hojalygy, senagat, syýahatçylyk we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň talaplarynyň özaralarynda hem-de häkimlikleriň we öý hojalyklarynyň arassa suwa we arassaçylyk üçin zerur bolan suw talaplary bilen deňleşdirmeklige alyp barýar. Käbir talaplar umuman alanyňda ýylyň dowamynda üýtgemeýär, käbirleri bolsa möwsümleýin bolýar. Ulanyjylaryň giň geriminiň arasynda suwa bolan talap ösmäge dowam edýär we suwy dolandyrýanlar howanyň üýtgemegi sebäpli ýüze çykýan bozulmalar bilen hem göreşmeli bolýar. Temperaturanyň ýokarlanmagy, ygallaryň ýagma häsiýetiniň üýtgemegi we buzluklaryň eremegi suw çeşmelerine düşýän agramy kynlaşdyrýar we suw hojalygy pudagyndaky günlük hem-de ýyllyk meýilnamalara göz öňünde tutulmaly ýene bir şerti goşýar.

## Serhetara çeşmeler

Suw çeşmeleriniň serhetara dolandyrylyşy ýurtlaryň we jemgyýetleriň arasynda gatnaşyklaryň ösmegine hem-de sebitleýin howpsuzlygyň, abadançylygyň we daşky gurşawyň goraglylygynyň gowulanmagyna alyp baryp bilýär.

Sowet Soýuzynyň dargamagynyň yzýanyndan Merkezi Aziýa ýurtlary Aral deňziniň howzundaky serhetara suw çeşmelerini bilelikde dolandyrmakda hyzmatdaşlygy utgaşdyrmak we berkitmek üçin ýerine ýetiriji edaralary bolan Suw çeşmeleri boýunça Döwletara utgaşdyryjy komissiýany döretdiler. Ondan soňraky ylalaşyklarda bu döwletara mehanizminiň netijelilgini üpjün etjek hem-de milli we pudaklaýyn bähbitleri suw bilen durnukly üpjün etmek maksady bilen, bilelikdäki borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine şertleri döretjek düzgünler berkidildi.[18]

Sebitde iş alyp barýan halkara hemaýatkärler döwletara gepleşiklere ýolbaşçylyk etdiler we her bir ýurtda suw hojalygynyň reformasynyň geçirilmegine goldaw bermäge dowam edýärler. ÝHHG ýerli derejedäki birnäçe çäreler, şeýle hem Orhus merkezleri arkaly Merkezi Aziýda öňdebaryjy tejribäni we serhetara suw çeşmeleriniň bilelikdäki dolandyrylyşyny öňe sürýär. Dogry dolandyrylýan suw çeşmeleri durnukly ösüş we dawa-jenjelleriň öňüni almaklykda aýgytlaýjy häsiýete eýedir. Orhus merkezleri ýerli, milli we serhetara derejelerde suw çeşmeleriniň durnukly we adalatly dolandyrylmagynda düşünişmeklige, çözgütleriň kabul edilmegine hem-de jemgyýetçiligiň gatnaşmagyna ýardam berýär.[19]

SÇID-ny öňe sürmek bilen, ÝHHG we meýdan işleri ünslerini milli hökümetleriň we degişli beýleki gyzyklanma bildirýän taraplaryň ukyplylyklaryny ösdürmeklige jemleýärler hem-de çözgütleriň kabul edilmeginde suw ulanyjylaryň assosiasiýasynyň (SUA) gatnaşmagyna ýardam berýärler.

### Nusgalyk mysal: Çu-Talas howzy boýunça komissiýa

Çu we Talas derýalaryndaky döwletara derejeli suw dolandyryş desgalaryny ulanmak boýunça Gazagystan Respublikasynyň we Gyrgyz Respublikasynyň komissiýasy Merkezi Aziýada üstünlikli suw hyzmatdaşlygynyň mysalydyr. 2006-njy ýylda halkara jemgyýetçiligiň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň we ÝHHG-nyň goldaw bermeginde esaslandyrylan Çu-Talas suw çeşmeleri boýunça komissiýa özüniň suw paýlama rejesine görä obýektleri üstünlikli ulanýar we olara hyzmat edýär.[20]

Komissiýanyň gazak tarapynyň ýolbaşçysy Indira Akbozowanyň aýtmagyna görä:

*“Zenanlar, esasanam serhetara suw diplomatiýasynda öz pikirlerini aýtmakda has diplomatik bolýarlar. Dürli ýurtlaryň resmi gatnaşyjylarynyň bir-birine gapma-garşylykly pikirleri bolup biler we zenanlar bu gapma-garşylyklary gowşadyp bilýärler.”* [21]

---

[18] Şol ýerde.

[19] ÝHHG, Orhus Merkezleri: Suw çeşmeleriniň dolandyrylyşy

[20] BMG-nyň ÝYK, Taslama boýunça hasabat: Çu we Talas derýalary boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek (Çu - Talas II, 2011ý.), s.2

[21] ÝHHG, Zenanlar, suw we howpsuzlyk. (Daşky gurşaw çäreleri, Gender deňligi, 2015)

## Suw çeşmeleriniň inklýuziw we ylalaşylan dolandyrylyşy

ÝHHG-nyň "Suw çeşmeleriniň inklýuziw dolandyryşy üçin gyzyklanma bildirýän taraplar bilen bilelikde işlemek" atly hasabatyna laýyklykda, suw pudagynyň öňünde duran meseleleri çözmeklikde inklýuziw we maslahatly syýasy prossesler ähli meseleleriň çözgüdi bolup bilmeýär, ýöne olar çözgütleri kabul etmekde we ýerine ýetirmekde has netijeli prosseslere sebäp bolup bilýär, şeýle hem suw çeşmeleriniň hilini we umuman dolandyryşyny gowulandyryp bilýär. Suw pudagyny düzýän gyzyklanma bildirýän taraplar berlen syýasatyň ýa-da taslamanyň netijelerini kesgitlemekde aýgytlaýjy orna eýedirler. Olar ony başladyp we goldap bilýärler, edil şonuň ýaly-da tagallalara ters herket edip, olaryň öňüne böwet bolup, olary öz bähbitlerine hyzmat etdirip bilýärler. Gyzyklanma bildirýän taraplary işe çekmeklik maksatlary maslahatlaşmaga, tejribe alyşmaga we borçlary paýlaşmaga, şeýle hem beýan edilen aladalary we bähbitleri göz öňünde tutmak bilen kabul edilýän çözgütleriň has işjeň goldawyna mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, gyzyklanma bildirýän taraplar bilen işleşmek toparlar we aýry-aýry şahyslar üçin kynçylyklaryň döremegine özleriniň sebäp bolýan hem-de olaryň çözgüdine goşant goşýan pudaklaryndaky wezipeleri we borçlary paýlaşmagyň guraly bolup durýar.

Suw çeşmeleri babatynda gyzyklanma bildirýän taraplarda işleşmegiň dürli görnüşleri we maksatlary ýüze çykdy. Bu gatnaşyjylaryň we tejribeli-hünärmenleriň sanynyň has hem köpelmegine mümkinçilik berýär, ýöne şol bir bada hem çykdajylaryň artmagyna getirýän käbir päsgelçilikler bilen garşylaşýar. Bu bolsa suw taslamalarynyň netijeliligini ýokarlandyrmaklyga hem-de suw hojalygy pudagynda goýlan maksatlara ýetmeklige doly güýjüne kömek bermäge päsgelçilik edýär. Dolandyryşa çekmekligiň prossesiniň bähbitli bolmagyny gazanmak üçin, bu prosessleriň nämä ýetjek bolýandygynyň, zerur bolan çeşmeleriň we olaryň goýlan maksatlara ýetip bilmek mümkinçiliginiň arasynda örän ünslilik bilen sazlanan deňagramlylyk gerek. Suw çeşmelerini dolandyrmaklyga netijeli we mazmunly gatnaşygyň bolmagy üçin oňyn şertleriň döredilmegine esasy döredip biljek çarçuwaly şertleri döredilmelidir.[22]



[22] YHÖG, Suw çeşemeleriniň inklýuziw dolandyryşynda gyzyklanma bildirýän taraplar bilen işleşmek. (YHÖG-nyň Suw babatyndaky ylmy gözlegleri, 2015), s.168



Täjigistan, Şaartuz.
Özbek zenanlary Täjigistanyň günortasyndaky pagta meýdanlarynda işleýärler.
© Carolyn Drake/Magnum Photos

# Guramaçylyk meseleleri



Özbegistan, Dosluk.
Gyzjagaz suwarym kanalyndan suw daşaýar.
© Carolyn Drake/Magnum Photos



Gender meseleleriniň netijeli hasaba alynmagy we suw çeşmelerini dolandyrmak boýunça ylalaşylan syýasatyň amala aşyrylmagy üçin işgärleriň bilim, başarnyk we endik derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen ukyplylyklarynyň ösdürilmegini; guramaçylyk medeniýetine we taslamalara gender meseleleriniň goşulmagy üçin gender nukdaýnazaryndan býujetleşdirilmegini; hünärmen üpjünçiliginde gender meseleleriniň göz öňünde tutulmagyny talap edýär.

Suw çeşmelerini dolandyrmakda gender meseleleriniň netijeli hasaba alynmagy belli bir derejede suw çeşmelerini dolandyrmakda zähmet çekýän erkekleriň we zenanlaryň syýasatda we guramaçylyk medeniýetinde gender meseleleriniň hasaba alynmagyny kabul etmegine baglydyr.[23]

## Ukyplylygy ösdürmek

ABŞ-nyň Halkara ösüş agentliginiň "Guramalaryň ukyplylygyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işlere gözegçilik etmek" atly makalasynda şeýle diýilýär, "guramanyň ukyplylygy - bu guramanyň öz wezipesine we maksatlaryna laýyklykda wagtyň belli bir böleginde özüniň işini ýerine ýetirmäge we özüniň durmuşyny dowam etdirmäge bolan mümkinçiligidir. Guramanyň ukyplylygyny ösdürmek - bu onuň işiniň netijeliligini ösdürmek maksady bilen guramanyň bilimini, gatnaşyklaryny, aktiwlerini we hereket etme häsiýetlerini berkitmeklige gönükdirilen toparyň maksatlaýyn alyp barýan işidir".[24]

Gender deňligi pudagynda ukyplylygyň ösdürilmegi aýry-aýry şahyslaryň, edaralaryň, toparlaryň we guramalaryň zenan hukuklary pudagyndaky hem-de durnukly we özgerişlere alyp barýan esasdaky gender deňliginiň maksatlaryna ýetmek pudagyndaky bilimleriniň, endikleriniň we başarnyklarynyň kemala getirilmegini we (ýa-da) ösdürilmegini göz öňünde tutýandyr.

[23] ÝHHG, Orhus çärelerinde gender meselelerinip hasaba alynmagy: Tejribelik gollanma (ÝHHG-nyň Sekretariaty/ OSG/Gender bölümçesi, 2012 ý.), s.15

[24] USAID, Guramaçylyk ukybyny ösdürmek boýunça tagallalara gözegçilik. (Okuw laboratoriýasy, 2018)

## Nusgalyk mysal: Orhus merkezleri

Orhus konwensiýasynyň ýerine ýetirilmegine goldaw bermek we Konwensiýa laýyklykda daşky gurşaw pudagynda raýatlaryň hukuklaryny amala aşyryp bilmegi üçin iş ýüzünde mümkinçilik döretmek maksady bilen, ÝHHG ýerledäki öz bölümleriniň we Ykdysady we ekologiki işler boýunça Utgaşdyryjysynyň Edarasynyň üsti bilen 2002-nji ýyldan bäri Orhus merkezleriniň döredilmegine we işlemegine goldaw berýär.

Bu merkezler Orhus konwensiýasynyň üç sany esasy düzgüniniň ählisiniň - ýagny maglumatlaryň elýeterliligi, çözgütleriň kabul edilmegine jemgyýetçiligiň gatnaşmagy hem-de daşky gurşawa degişli meselelerde adalatyň elýeter bolmagy - ýaýradylmagynda örän möhüm orny eýeleýändir. Bu merkezler ekologiki maglumatlary ýaýratmak hem-de Konwensiýanyň amala aşyrylmagyna gatnaşygy bolan hünärmenleriň taýýarlygy pudaklarynda köp sanly taslamalary ýerine ýetirmek arkaly ilatyň we bu pudakdaky döwlet edaralarynyň bilimlerini artdyrýarlar. Ekologiki meseleleri maslahatlaşmak ilatyň duşuşyk geçirip bilýän ýeri bolmak bilen, Orhus merkezleri tebigaty goramak işiniň dolandyryş ulgamyny berkidýärler. Bu merkezler raýatlaryň we hökümetleriň daşky gurşaw babatyndaky umumy jogapkärçiligine olaryň ünsüni çekmek arkaly adamlara ekologiki meseleleri çözmeklige gatnaşmaga we daşky gurşawa degilşli meselelerde adalatyň elýeterliligni ýönekeýleşdirmäge kömek edýärler. Şeýlede, bu merkezler maslahat berýärler we ukyplylygyň berkidilmegine hem-de hünärmenleriň taýýarlanylmagyna ýardam berýärler.

Öz işinde gender deňligi bilen bagly ýörelgeleriň hasaba alynmagyna has köp üns bermek bilen, Orhus merkezleriniň işgärleri, syýasatçylar we gyzyklanma bildirýän beýleki şahyslar çäreleriň ähli kişiler üçin açyk bolmagyna we deňsizligiň berkidilmezligine işjeň kömek berip bilýärler. Mundan başgada, Orhus merkezleriniň işinde gender faktorlarynyň hasaba alynmagy, gatnaşyjylara özleriniň halkara kadalaryna we ýörelgelerine bolan wepalylygyny görkezmäge mümkinçilik berýär.

Orhus merkezleriniň işinde gender faktorlarynyň hasaba alynmagy[25], şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

- hem erkekleriň, hem-de zenanlaryň zerurlyklary, bilimleri we goşantlary deň kabul edilýär, deňsizlikler bolsa berkidilmeýär;
- Aýdyňlygyň, hasabatlylygyň we jemgyýetçiligiň ynamynyň derejesini ýokarlandyrmak arkaly, Orhus merkezleri ähli taraplara deň derejede wekilçilik edýär;
- jemgyýetçiligiň durmuşynda hem-de çözgütleri kabul etmek bilen baglanyşykly işlerde zenanlaryň gatnaşygy giňelýär;
- erkekleriň we zenanlaryň bähbitleriniň deň derejede hasaba alynmagy, hyzmatlaryň has deň derejeli we wekilçilikli esasda berilmegine alyp barýar.

[25] ÝHHG, Orhus çärelerinde gender meselelerinip hasaba alynmagy: Tejribelik gollanma (ÝHHG-nyň Sekretariaty/ OSG/Gender bölümçesi, 2012 ý.), s.13

## Býujeti düzmek

Gender meseleleriniň hasaba alynmagynyň ýurduň ykdysadyýetine nädip peýda getirip biljekdigi baradaky makalasynda "The Economist" žurnaly şeýle düşündirýär: "Gender meseleleriniň hasaba alynmagy - bu býujet-maliýe syýasatynyň serişdeleriniň kömegi bilen hökümetleriň deňligiň üpjün edilmegine ýardam berip bilmeginiň bir usulydyr. Ol erkekler we zenanlar üçin býuetiň netijeleriniň tejribe ýüzündäki tapawudynyň seljerilmesini we serişdeleriň talabalaýyk paýlanylmagyny, şeýle hem mekdeplerde gyzlaryň we oglanlaryň deň şertlerde okadylmagy we olara ýetmeklik üçin serişdeleriň bölünip berilmegi ýaly maksatlaýyn görkezijileriň bellenmegini öz içine alýar".[26]



### Nusgalyk mysal: Täjigistandaky ösüş

Täjigistan howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerine garşy gowşak bolup, uýgunlaşmak ukyplylygy pes derejededir. Oba hojalyk önümçiligi howa şertleriniň üýtgemegine, tebigy betbagtçylyklara we suw ýetmezçiligine garşy aýratyn duýgurdyr.[27]

Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň ýakynda iberen gönükdiriji hatyna laýyklykda, " Maýa goýum gaznasynyň Howanyň üýtgemegine garşy durnuklylygy ýokarlandyrmak boýunça (CIF PPCR) Synag taslamasynyň goldaw bermeginde Täjigistanda tehniki kömek pudagynda birnäçe başlangyçlar, maýa goýum taslamalary we çäreler amala aşyryldy. Synag taslamasynyň maksady gender meselelerini hasaba aljak we howanyň üýtgemegine durnukly boljak ösüşiň esaslaryny kemala getirmekden ybaratdyr. Şunuň bilen baglylykda, aýratyn durmuş toparyň (zenanlaryň) howanyň üýtgemeginiň netijelerine uýgunlaşmagynyň aýratynlyklary, şeýle hem, gender deňligi bilen bagly meselelerde bolup biljek üýtgeşmeleriň mümkinçilikleri hasaba alyndy. Synag taslamasynyň (PPCR) çäklerinde tehniki kömegiň degişli bölekleriniulanmak arkaly Täjisgitanda howanyň üýtgemegine garşy durnuklylygy ýokarlandyrmagyň pudagynda hususy pudaga gönükdirilen maliýe goýumlarynyň birnäçesi amala aşyryldy. Bu işiň netijesinde zenanlar we erkekler tarapyndan dolandyrylýan kärhanalaryň, şeýle hem, aýallar we erkekler tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän öý hojalyklarynyň zenanlary we erkekleri üçin gönümel we gytaklaýyn bähbitler babatynda birnäçe soraglar ýüze çykdy".[28]

Aziýanyň Ösüş Banky (AÖB) özüniň 2015-2017-nji ýyllar üçin maýa goýum meýilnamasy üçin suw üpjünçiliginiň we suwarymyň netijeliligini ýokarlandyrmak, şeýle hem howanyň üýtgemegi bilen bagly tebigy betbagtçylyklara garşy durnuklylygy ýokarlandyrmak  maksady bilen gender meselelerini göz öňünde tutýan býujeti işläp taýýarlady. Pýanj derýasynyň howzunda howanyň üýtgemegine garşy durnuklylygy ýokarlandyrmak boýunça taslamanyň çäklerinde ýerine ýetirilýän erkekleriň we zenanlaryň deňligi pudagyndaky AÖB-nyň Iş meýilnamasy, suw joşmalaryndan goranmak we suw üpjünçiliginiň infrastrukturasyny dikeltmek boýunça geçirilýän çäreleriň zenanlar üçin bähbitli bolmagyna gönükdirilen. Meýilnamada zenanlaryň oba hojalygyndaky orny, suw üpjünçiliginiň ýaramaz infrastrukturasynyň netijeleri we howanyň üýtgemegi barada umumy maglumat berilýär.[29]

---

[26] E.W. Jynsyň hasaba alynmagy ýurduň ykdysadyýeti üçin nädip peýdaly bolup biler. (The Economist, 2017)

[27] Elizabet Duban, Täjigistan: Ýurt boýunça gender taýdan baha bermek (AÖB, 2016)

[28] ÝTÖB, Nädip Täjigitanyň hususy pudagynyň maýa goýumlary gender-duýgur we howanyň üýtgemegine durnukly ösüşe goldaw berip biler: Gollanma (Gender meseleleri boýunça gollanma, 2019), s.13

[29] AÖB, Zenanlar, suw hojalygy we ýolbaşçylyk. (AÖB-nyň Gysga maglumatlary, 2014)



Täjigistan, Şaartuz.
Suwarym kanaly.
© Carolyn Drake/Magnum Photos



## Işgärleri saýlap almak

Işgärler syýasaty we guramanyň medeniýeti nukdaýnazaryndan gender meseleleriniň hasaba alynmagy guramada zähmet çekýän zenanlara we erkeklere degişli sorgalary öz içine alýar, ýagny: aýal we erkek işgärleriň işe alynmagy, wezipesinde ösdürülmegi we hünär taýdan kämilleşdirilmegi, şeýle hem zähmet haky. Işgärler bilen bagly meseleler ukyplylygy ösdürmek we býujeti düzmek bilen aýrylmaz baglydyr, şonuň üçin hem bu ugurda bolup geçýän zatlar guramanyň ähli işgärlerine täsir edýär. Işgärler syýasatynda gender meseleleriniň hasaba alynmagy kömekçi gurluşlaryň döredilmegine hem degişli bolup durýar. Mysal üçin zenanlaryň we erkekleriň deň derejede zähmet çekip bilmekleri üçin, çaga edaralary we çeýe iş tertibi gerekdir.



### Nusgalyk mysal: Suwaryş işlerinde gender deňligi

Halkara oba hojalyk ylmy-barlaglary boýunça Maslahat beriji topary (CGIAR) Suw çeşmeleri, ýer ulanyş we ekoulgamlar pudagyndaly ylmy-barlaglary maksatnamasynyň Özbegistandaky synag taslamasynyň çäklerinde suwaryşda gender meseleleri boýunça okuw maksatnamasyny suwy sarp edijileriň assosiasiýalarynyň (SSA) biriniň işgärleri we agzalary bilen işleşende synagdan geçirdi. Özbegistanda köp sanly zenanlar melleklerde zähmet çekip, oba hojalyk önümçiliginde zähmet çekýän bolsalar hem, olaryň örän az bölegi daýhan hökmünde hasaba alnyp, guramaçylyk taýdan ulgama goşulan däldir. Bu synag taslamasy öý hojalyklaryny, şeýle hem suw ulanyjy zenanlary öz içine aldy. SSA-nyň agzalarynyň hemmesi diýen ýaly erkeklerden, öý hojalyklaryna wekilçilik edýänleriň ählisi diýen ýaly zenanlardan ybaratdy. Üns toparlarynda geçirilen söhbetdeşlikleriň we maslahatlaşmalaryň dowamynda şu aşakdaky netijeler ýüze çykaryldy:

- zenanlar guramaçylyk taýdan meýilleşdiriş we çözgüt kabul etme işlerine goşulmadyk;
- esasy girdejini uly hojalyklar alýar;
- adaty suwaryş taslamalarynda ýerli şertler hasaba alynmaýar;
- öý hojalyklary SSA-da resmi taýdan görkezilmedik;
- SSA-dan öý hojalyklarynyň zerurlyklarynyň göz öňünde tutulmagyny talap edýän formal mehanizm ýok;
- bu ýagdaý zenanlaryň öz maşgalalary üçin önüm öndürme mümkinçiligine düýpli ýaramaz täsir edýär;
- durmuş we suwaryş zerurlyklary üçin suwuň aýry-aýry bölünip meýilleşdirilmegi dawalaryň ýüze çykmagyna şert döredýär.

Zenanlaryň meýilleşdirişe gatnaşyp, kabul edilýän çözgütlere täsir edip bilmegi üçin olar guramalaryň resmi agzasy bolmalydyrlar.[30]

---

[30] N.Lefore, E.Weight we N.Muhammedowa, Suwaryşda gender deňligini ösdürmek: Malawide we Özbegistanda okuwa we öndürijilige ýardam bermek üçin guralyň ulanylmagy. (R4D Learning Series, 2017), s. 18–19

# Guramalarda gender meselelerini hasaba almak



Türkmenistan, Damla.
Zenanlar Garagum çölünde suw howdanyndan ýagyş suwuny alýarlar.
© Carolyn Drake/Magnum Photos

## Gender meseleleriniň hasaba almagyň ädimme-ädim gollanma Merkezi Aziýanyň suw hojalygynyň edaralarynyň ýolbaşçylary we işgärleri üçin niýetlenendir.



Gatnaşyjylaryň sanawy maksadalaýyk boljak derejede ýeterlik giň bolup biler, gatnaşyjylar hökmünde guramalaryň wekilleri we suw ulanyjylar; maliýe kömegini berýän guramalar we gyzyklanma bildirýän edaralar, şeýle hem suw hojalygy bilen baglanyşygy bolan islendik guramalaryň işgärleri we dolandyryşynyň agzalary gatnaşyp biler. Bu gollanma dürli şertlerde gender meseleleriniň hasaba alynmagyny üpjün etmek üçin peýdaly bolup biler. Guramalar bu ýerde berlen ädimme-ädim proseduranyişgärler üçin guralan okuw-maslahatlarynda we gyzyklanma bildirýän taraplaryň gatnaşmagynda meýilleşdirilýän täze taslamalarda ulanyp bilerler. Şeýlede, gollanma öz edaralarynda gender deňligi meselelerine jogap berýän hünärmenleri taýýarlaýan tälimçileriň gollanmasy ýa-da suw çeşmelerini dolandyrmak boýunça okuwlarda okuw materialy hökmünde ulanylyp bilner. Adatça, gender meselelerini hasaba almak boýunça taýýarlyk geçen hünärmenler alnyp barylýan işe ýolbaşçylyk edýär.

## Umymy syn

Berlen shemada gender meselelerini hasaba almak boýunça işiň bäş tapgyry görkezilen. Her bir tapgyryň indiki tapgyr üçin nädip esas bolup durandygynyň mysallary berlen.

| | Edaralaryň işinde gender meseleleriniň hasaba alynmagy | Daşarky taslamalar |
|---|---|---|
| **1. Seljerme** | Ýolbaşçy wezipelerdäki zenanlaryň paýy | Oba ýerlerinde zenanlaryň we erkekleriň suwarym maksatly suw zerurlyklary |
| **2. Maksatlar** | Indiki 2 ýylyň dowamynda zenanlar erkekler bilen deň derejede bolar | Indiki 5 ýylyň dowamynda suwarym üçin suwa zenanlaryň we erkekleriň ygtyýarlyklary deň bolar |
| **3. Meýilnama** | Wekilçiligiň deň mukdarda bolmagyny gazanmagyň meýilnamasy; gender meseleleriniň hasaba alynmagyna gönükdirilen çäreler (işiňi maşagala durmuş bilen utgaşdyrmak, işiň çeýe tertibi, çaga edaralary, çaga seretmek bilen bagly iş rugsady) | Suw çeşmeleriniň elýeterliligini üpjün etmek we obalyk ýerlerde zenanlaryň hukuklarynyň hem-de mümkinçilikleriniň giňeldilmegi bilen bagly, çözgütleri ýerine ýetirmegiň meýilnamasy we çäreleriň beýan edilen degişli iş meýilnamasy |
| **4. Görkezijiler** | Ýolbaşçy wezipeleri eýeleýän zenanlaryň sanyny artdyrmak, her ýylyň dowamynda | Suwy suwarym maksatly ulanyp bilýän zenanlaryň sany; ilatly ýerde zenan telekeçileriň sany |
| **5. Býujet we hasaplylyk** | Ýolbaşçy zenanlaryň, şol sanda orta dereje wezipelerdäki zenanlaryň ukyplylyklaryny ösdürmek üçin ýeterlik derejede maliýeleşdirmek | Oba hojalyk önümçiliginiň ähli derejelerindäki zenanlaryň ukyplylyklaryny ösdürmek üçin ýokary derejede maliýeleşdirmek; kärhana döretmek üçin zenanlara maliýe serişdeleriniň bölünip berilmegi; suw çeşmeleriniň elýeterl ýokarlandyrmak we infrastrukturanyň ösdürilmegi |

Merkezi Aziýada suw çeşmelerini dolandyrmagyň tejribesinde gender meselelerini hasaba almak boýunça şu gollanma zenanlaryň we erkekleriň arasyndaky tapawudy, guramanyň jähtinden olaryň orunlaryny we ygtyýarlyklaryny ýüze çykarmak we ony kabul etmek üçin işlenip düzülen baha bermäniň prosedurasyny beýan etmeklikden başlaýar. Soňraky tapgyrlar şu esasa esaslanýar, ýöne ýokarda berlen shemada görkezilişi ýaly birinji tapgyr özbaşyna wajyp maksat bolan guramadaky gender meselelerine ünsi çekip biljek özbaşdak seljermeden ybarat bolup durýar.

Öz işine berlen bahany hasaba almak isleýän guramalar üçin gollanmada guramanyň öz üstüne almak isleýän borçnamalaryň we olary ýerine ýetirmegiň meýilnamasynyň anyk konsepsiýasyny düzmegiň ýörelgeleri teklip edilýär. Ondan soňra gollanmada guramanyň meýilnamasy esasynda anyk wezipeleri we bu wezipleriň esasynda guramanyň ýeten üstünliklerine beriljek bahanyň möhüm bölekleri bolan görkezijileriň nädip düzülmelidigi görkezilen. Gollanma, gurama öz meýilnamalaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän býujeti we hasabatlylygy düzmegiň mehanizmlerini beýan etmek bilen tamamlanýar.



# 1-nji ädim.

## Guramanyň işiniň gender meselelerini seljermek

Gender meseleleriniň hemmetarapalaýyn seljermesi erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky tapapwutlyklaryny olaryň hukuklary, öý içinde tölenilmeýän işi we öý hojalygynyň beýleki agzalaryna seretmegi, işiň paýlaşylmagy, çeşmeleriň elýeterlilik derejesi we ygtyýarlyklary nukdaýnazaryndan öz içine alýar. Şonuň ýaly seljerme erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky gatnaşyklary düzýän şertleri hem öz içine alyp bilýär, esasan hem, döwlet kadalaşdyryjy-hukuk namalary, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we daşky gurşaw bilen bagly şertler we adatça öz içine hem hil, hem-de mukdar jähtlerini alýar. Bu tapgyryň esasy maksady, guramalaryň dürli adamlaryň dürli zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga mümkinçilikleriniň bolmagy üçin, hereket etmäge we iş ýüzünde çäreleri amala aşyrmaga taýýarlygyň talap edilýän ugurlaryny kesgitlemekden ybaratdyr.[31]

Guramanyň çäklerindäki gender meseleleriniň seljermesi guramanyň işinde olar bilen bagly meseleleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär, erkekleriň we zenanlaryň arasynda deňligi üpjün etmäge ýardam berýär, şeýle hem bar bolan soraglara ünsi çekýär we olaryň kabul edilmegine kömek edýär. Her nähili bolsada, bu seljermäniň zyýany ýok. Seljermä gatnaşyjylar şo soraglardan ugur almalydyr:

- guramada erkekler we zenanlar üçin dürli orunlar, mümkinçilikler, zerurlyklar we çäklendirmeler haýsylar?;
- guramanyň alyp barýan işiniň zenanlara we erkeklere edýän täsiriniň (oňyn we ýaramaz) aýratynlyklary näme?

Gender meseleleriniň seljermesi zyýan bermejek görnüşde geçirilýär we Ýewropanyň gender deňligi boýunça institutynyň (ÝGDI) kesgitlemesine görä şu aşakdaky soraglarda "körlükden" gaça durmaga kömek etmelidir - bu "anyk durmuş, medeni we syýasy ýagdaýlarda zenanlara we (ýa-da) gyzlara hem-de erkeklere we (ýa-da) oglanlara bellenýän ýa-da mejbur edilýän orunlaryň we borçlaryň kabul edilmezligi". Çünki bu soraglarda "kör" işleýän taslamalar, maksatnamalar, çäreler we garaýyşlar zenanlaryň, gyzlaryň, erkekleriň we oglanlaryň deň bolmadyk orunlaryny we zerurlyklaryny göz öňünde tutmaýar. Institutyň pikiri boýunça olar bar bolan ýagdaýy bolşy ýaly goldap, erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky deň däl gatnaşyklaryň gurluşyny üýtgetmeklige hiç hili goşant goşmaýar.[32]

Olardan tapawutlylykda, gender taýdan bitarap taslamalar, maksatnamalar we çäreler "erkekleriň we zenanlaryň gatnaşyklary ýa-da deňligi nukdaýnazaryndan oňyn ýa-da ýaramaz netijelere alyp barmaýar".[33]

Aşakda berlen gender meseleleriniň seljermesi üçin jetwel seljermäniň dowamynda seredilmeli adaty soraglary we bu soraglara jogaplaryň mysallaryny öz içine alýar. Bu jogaplar belli bir nusga mejbur etmek üçin däl-de, eýsem soraglara nädip jogap bermelidigini görkezmek üçin berlendir.

[31] WECF International, Gender täsirine baha bermek we gözegçilik guraly. (Women2030, 2018), p. 51

[32] ÝGDI, Gender körlügi

[33] ÝGDI, Gender taýdan bitarap

## Gender meselelerini seljermegiň jetweli

### Öý hojalygy

| | | |
|---|---|---|
| **Zähmet** Kim näme edýär? | Öý işleri, baglary suwarmak, nahar taýýarlamak, suwuň dogry saklanşyna gözegçilik | Baglaryň oturdylmagy we baglary suwarmak üçin kanallary gurnamak |
| **Wagt** Näçe wagt sarp edilýär we name üçin? | Günde 7-8 sagat öý işlerine, günde 1-2 sagat baglary suwarmaga, möwsüme görä kanallara we suw gaplaryna seretmäge, 2-3 sagat suwuň barlygyna baglylykda kir ýuwmaga we nahar taýýarlamaga | Möwsüme görä hepdäniň dowamynda 3-4 sagat hojalyk işlerine |
| **Çeşmeler** Kimiň elýeterliginde we nämä gözegçilik edýär? | Pul serişdelerine çäkli gözegçilik edýär, maşgalanyň günlik býujetini ýöredýär | Maşgala üçin pul gazanýar we maşgalanyň ähli serişdeleriniň we bank hasaplarynyň eýesi bolup durýar |
| **Medeniýet** Medeniýet elýeterlilige we gözegçilige nähili täsir edýär? | Adatça erkegiň zähmet migranty ýa-da möwsümleýin doly däl işde işleýän ýagdaýlaryndan beýleki ýagdaýlarda öý hojalygy bilen meşgullanýar | Zähmet migranty bolan ýagdaýlardan beýleki ýagdaýlarda adatça maşgalanyň ýeke-täk ekleýjisi |

### Ilatly ýer

| | | |
|---|---|---|
| **Zähmet** Kim näme edýär? | Oba hojalygynda möwsümleýin işgär | Senagatda ýa-da oba hojalygynda işgär, belli bir derejede söwda bilen meşgullanýar |
| **Wagt** Näçe wagt sarp edilýär we name üçin? | Ýylyň dowamynda 60-80 gün oba hojalyk işlerinde, esasan hasyl ýygymynda | Doly işde işleýän işgärler, käbir ýagdaýlarda 5-6 aýyň dowamynda öýde bolman öýe pul geçirimlerini ugradýarlar |
| **Çeşmeler** Kimiň elýeterliginde we nämä gözegçilik edýär? | Öý hojalygynyň önümleriniň hem-de möwsümleýin işiň girdejisiniň hasabyna bazara çäkli gözegçilik edip bilýärler | Adatça ýere eýeçilik edýärler hem-de esasan bazara we söwda gözegçilik edýärler |
| **Medeniýet** Medeniýet elýeterlilige we gözegçilige nähili täsir edýär? | Adatça bilimde we saglygy goraýyşda belli bir wezipeleri eýeleýärler, ýöne köplenç ýagdaýlarda bazarlarda we oba hojalyk assosiasiýalarynda ýer alýarlar | Ýerli derejede maşgalanyň esasy wekilleri, resmi we resmi däl häkimiýet edaralarynyň düzüminde esasy çözgütlei kabul edýärler |

### SUA

| | | |
|---|---|---|
| **Zähmet** Kim näme edýär? | Möwsümleýin işgär hökmünde çäkli gatnaşyk | Ýolbaşçylar we jogapkär işgärler, käwagt iş ýerinde bolman ýa-da daşary ýurtlarda zähmet çekýän bolmagy mümkin |
| **Wagt** Näçe wagt sarp edilýär we name üçin? | Ýylyň dowamynda 1-2 sagat, möwsümleýin işgärleriň gatnaşýan ýaşaýjylaryň umumy ýygnagynda | Ähli derejelerde doly iş wagty |
| **Çeşmeler** Kimiň elýeterliginde we nämä gözegçilik edýär? | Elýeterlilik ýa-da gözegçilik ýok diýen ýaly | Esasy çözgüt kabul edijiler |
| **Medeniýet** Medeniýet elýeterlilige we gözegçilige nähili täsir edýär? | Adatça gatnaşmaýar | Esasy çözgüt kabul edijiler we syýasata täsirini ýetirjiler |

### Howdan assosiasiýalary

| | | |
|---|---|---|
| **Zähmet** Kim näme edýär? | Orny ýok diýen ýaly | Dolandyryjylar, çözgüt kabul edijiler we bilermenler |
| **Wagt** Näçe wagt sarp edilýär we name üçin? | Ýerli jemgyýetçiliklerden iň pes derejede goşulyşmak | Ähli derejelerde doly iş wagty |
| **Çeşmeler** Kimiň elýeterliginde we nämä gözegçilik edýär? | Elýeterlilik ýa-da gözegçilik ýok diýen ýaly | Esasy çözgüt kabul edijiler we serişdeleri dolandyrýarlar |
| **Medeniýet** Medeniýet elýeterlilige we gözegçilige nähili täsir edýär? | Adatça gatnaşmaýar | Esasy çözgüt kabul edijiler we syýasata täsirini ýetirjiler |

Guramanyň işgärleriniň pikirlerini okuw-maslahatynyň, şahsy söhbetdeşlikleriň ýa-da işgärleriň, gyzyklanma bildirýän taraplaryň wekilleriniň ýa-da islendik beýleki gatnaşyjylaryň ýygnaklarynyň dowamynda ýa-da soragnamalar arkaly alyp bolýar. Tälimçiler berlen teswileri jemleýärler we olaryň esasynda hasabat taýýarlaýarlar. Şunuň ýaly hasabat soňradan alnan netijeleri takyklamak üçin geçirilýän maslahatlaşmalaryň esasyny düzýär we anyklanan zatlar babatynda umumy ylalaşyga gelinýär.

Seljermäniň jemleýji tapgyrynda guramanyň haýsy gender meselelerine üns bermelidigine aýdyň pikiri bolmalydyr. Diňe şu prosedura gatnaşmagyň hasabyna, uly ähtimallyk bilen gatnaşyjylar gender meselelerine has köp üns berip başlamagy mümkin. Guramanyň alan täze maglumatlaryny ulanyp, bu meseleleri netijeli çözüp bilmegi üçin näme etmelidigi barada gatnaşyjylarda teklipler döräp biler. Her nähili bolsa hem, seljerme gender meselelerine ünsi çeker we gatnaşyjylaryň öň duýmadyk duýgydaşlyk duýguysyny oýaryp biler.



# 2-nji ädim.
## Gender meselelerini hasaba almak boýunça guramanyň anyk konsepsiýasyny düzmek

Bu ädimiň üstünligi ähli derejelerdäki işgärleriň tagallalaryna, goýlan wezipä düşünmeklerine we ýolbaşçylaryň bellän anyk maksatlarynyň toplumyna baglydyr. Gender meselelerini hasaba almak boýunça anyk konsepsiýa şu aşakdaky çäreleriň islendigini öz içine alyp biler:

- Suw çeşmeleriniň demokratiki we aç-açan dolandyryşynda deň gatnaşykda bolmak bilen bagly bilimleri we endikleri hem zenanlarda hem-de erkeklerde  gowulandyrmak üçin ukyplylygy ösdürmek boýunça çäreleriň işlenilip taýýarlanylmagy;
- Ýolbaşçy weziplerine gender kwotalaryny bellemek;
- Suwy netijeli peýdalanmak, suw infrastrukturalaryny gurmak we olara hyzmat etmek hem-de suwuň hiline gözegçilik etmek boýunça tehniki okuwlara zenanlary we gyzlary goşmak;
- Suw we daşky gurşaw, suw we durnukly oba hojalygy, suw we aç-açanlyk we hasabatlylyk boýunça okuw modullarynyň taýýarlanylmagy we ornaşdyrylmagy;
- Meýilleşdirmekde, maglumat ýygnamakda, gözegçilik etmekde we baha bermekde zenanlaryň işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek;
- Gender we suw çeşmeleri pudagynda iş alyp barýan ýerli we halkara HDG-lar bilen birleşmeleri ýola goýmak.

Gender borçnamalarynyň kesgitlemesi gender taýdan bahalandyrmanyň netijelerinden mahsus ýol bilen gelip çykmaly hem-de guramanyň anyk mandatlaryna we işlerine laýyk gelmeli. Borçnamalar içerki guramaçylyk meselelerini göz öňünde tutmaly hem-de alnyp barylýan işleriň we taslamalaryň gender jähtlerini nazara almaly. Mysal üçin, eger-de ýolbaşçy wezipelerde zenanlar ýok bolsa, onda gurama bu wezipelerde zenanlaryň sanyny artdyrmak boýunça öz üstüne borçnama alyp biler. Gender taýdan berlen bahanyň üstünde işläp, gatnaşyjylar özleriniň ileri tutýan borçnamalaryny saýlap biler. Tälimçi bolsa, gatnaşyjylara guramanyň gender borçnamalarynyň konsepsiýasyny düzmeklikde ýol görkezip biler.



# 3-nji ädim.

## Gender soraglary boýunça iş meýilnamasyny taýýarlamak

2-nji ädimde döredilen garaýyş aslynda gender syýasatydyr - ýagny gender meselelerine çynlakaý çemeleşmegiň köpçüligiň öňündäki beýany. Suw çeşmelerini dolandyrmagyň nukdaýnazaryndan syýasat guramanyň hem içerki medeniýetini, hem-de maksatnamalaryny ýa-da meýilnamalaryny öz içine alýar. Mundan başgada, gender syýsasaty onuň nähili amala aşyryljakdygynyň beýan edýän Gender meseleleri boýunça iş meýilnamasyny (GIM) hem öz içine alýar. Iş meýilnamasyny taýýarlamaklyga işgärleri çekmeklik, olarda dahyllylyk duýgusynyň döremegine kömek edýär. Bu gollanma maslahat beriji häsiýete eýe bolup, guramalara maglumatlary özleriniň weziplerine we şertlerine laýyklykda uýgunlaşdyrmak maslahat berilýär.

### Guramanyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagy

Gender meseleleri boýunça iş meýilnamasynyň taýýarlanylyşynda ýokary ýolbaşçylaryň niýetleriniň çynlakaýlygyny görkezmegi we işe ýolbaşçylyk etmegi örän möhümdir. Bu işe ähli kişileri gatnaşmaklyga çagyrmaga hem-de iş meýilnamasynyň utgaşdyrylmagyny we meýilnamanyň ýerine ýetirilmegine ýeterlik serişdeleriň bölünip berilmegi üçin býujetiň taýýarlanylmagyny diňe guramanyň ýolbaşçylygy üpjün edip biler.

### Işçi topary

Öňünde goýlan wezipelere we berlen möhletlere aýdyň düşünýän içerki işçi topar, guramada bar bolan ähli maksatnamalaryň we derejeleriň görkezilmegini üpjün edip, iş meýilnamasynyň taslamasyny taýýarlaýar.

### Gyzyklanma bildirýän taraplar bilen maslahatlaşmalar

Häzirki bolan ýagdaýyň we zerurlyklaryň seljermesini taýýarlap, işçi topary hökümetdäki we raýat jemgyýetindäki esasy gyzyklanma bildirýän taraplar, şeýle hem islendik beýleki hyzmatdaşlar bilen maslahatlaşma duşuşyklaryny geçirýär. Eger-de daşarky hyzmatdaşlar bilen maslahatlaşma duşuşyklaryny geçirmäge mümkinçilik ýok bolsa, işçi topar esasy döwlet maksatnamalaryny we strategiki resminamalary öwrenip biler.

### Meýilnamanyň taslamasy

Işçi topary şu aşakda berlenleri öz içine alýan GIM-nyň taslamasyny düzýär:

- taslamanyň ýa-da maksatnamanyň çäklerinde gender meseleleriniň çözülmegi üçin alnyp barylýan işler;
- gender meseleleriniň çözülmegi üçin taslama ýa-da maksatnama goşulan maksatlaýyn görkezijiler we gurluş aýratynlyklary hem-de şonuň ýaly meseleleriň has ýiti bolan ilatly ýerlerinde zenanlar we erkekler üçin göze görünjek netijeleriniň bolmagyny üpjün etmek;
- şonuň ýaly gender gurluş elementleriniň ornaşdyrylmagyny üpjün edýän mehanizmler;
- gender meselelerini hasaba alýan gözegçiligiň we işiň netijesine baha bermegiň görkezijileri.

Eger-de guramanyň daşynda çäreler meýilleşdirilýän bolsa onda gerimiň çäklerini has giň tutmak üçin GIM-nyň ýanyna jemgyýetçilik gatnaşyklary ugrundaky iş meýilnamasy goşulyp bilner.

### Meýilnamanyň taýýarlanylmagy

Iş meýilnamasynyň taýýarlanylmagy bu taslamany ara alyp maslahatlaşmak üçin işçi toparynyň birnäçe sapar duşuşyk geçirmegini hem-de ony tamamlamak üçin guramanyň içerki maslahatlarynyň geçirilmegini talap etjek işdir. Ökde hünärli professional tälimçi şonuň ýaly maslahatlaşma duşuşyklaryny guramakda we geçirmekde öz tejribesini paýlaşyp biler. Aşakda Gender meseleleri boýunça iş meýilnamasynyň nusgasy berlen.

## Gender meseleleri boýunça iş meýilnamasynyň nusgasy

Bellik: Guramalara özleriniň mahsus zerurlyklaryna laýyklykda üýtgetmeklik maslahat berilýär.

### Guramanyň borçnamalary

**Suw çeşmeleri pudagyndaky guramanyň öz üstüne alyp biljek borçnamalarynyň mysallary:**

- Guramanyň dolandyryşynda zenanlaryň sanyny artdyrmak;
- Maşgalalaryň zerurlyklaryna kanagatlandyrmak üçin zähmet şertlerini gowulandyrmak;
- sebitdäki dawa-jenjelleriň öňüni almak üçin, serhetara suw çeşmeleriniň dolandyryşynda ýerli ilatyň, şol sanda zenanlaryň gatnaşygyny artdyrmak;
- zenanlara we erkeklere mahsus zerurlyklary göz öňünde tutup, ýylyň dowamynda suwarym we öý hojalyk zerurlyklary üçin elýeter bahadan suwy üpjün etmek.

**Garaşylýan we (ýa-da) tejribe ýüzündäki netijeleri beýan etmegiň mysaly**

Meýilnamanyň ýerine ýetirilmeginiň netijesinde zenanlaryň ýolbaşçylyk edýän täjirçilik işiniň ýa-da olara degişli oba hojalyk kärhanalarynyň mümkinçilikleri, zenanlara gönükdirilen ukyplylyklary ösdürmek boýunça geçirilen çäreleriň hasabyna hem guramalaryň içinde hem-de taslamalaryň çäklerinde artar, şeýle hem öý hojalyklarynyň çäklerinde ýerleşen mellek ýerlerini suwarmak hem-de zenanlaryň suw zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksady bilen suwaryş üçin suwuň elýeterliligini üýtgetmegiň hasabyna.

**Garaşylýan netijeler** – ýerine ýetirilýän çäreleriň netijesindäki ösüşiň şertlerinde garaşylýan özgerişlikleri beýan edýär.[34]

**Tejribe ýüzündäki netijeler** – bu maksatnamanyň çäklerinde öndürilýän anyk harytlar we hyzmatlardyr. Guramanyň ösüş pudagynda geçirýän çäresiniň çäklerindäki işiň tamamlanmagynyň netijesinde aýry şahyslaryň ýa-da guramalaryň endikleriniň, ukyplylyklarynyň ýa-da mümkinçilikleriniň üýtgemegi hem tejribe ýüzündäki netijeleri görkezip biler.[35]

Köp halatlarda tejribe ýüzündäki netijeler guramanyň alyp barýan işine we daşarky taslamalara bagly bolar. Şeýle ýagdaýlarda, garaşylýan tejribe ýüzündäki netijeleri aýratyn işläp düzmeli, yzyndan bolsa degişli çäreleriň sanawy, şeýle hem alnyp barylýan işiň jyns bilen baglanyşykly meselelerini göz öňünde tutýan netijeliliginiň görkezijileri, aýallar we erkekler üçin aýratynlykda göz öňünde tutulan maksatlaýyn görkezijiler, möhletler we jogapkär taraplar işlenip düzülmeli.

### Çäreler – guramanyň iş ýüzünde ýerine ýetirmegi meýilleşdirýän anyk işleriniň sanawy, mysal üçin:

- zenanlar üçin dolandyryş endiklerini boýunça okuw maslahaty - orta dolandyryjylar;
- oba ýerlerinde ýa-da öý hojalyklarynda suwuň paýlanyş nokatlaryny gurnamak;
- daýhan-zenanlary we hökümetiň wekillerini birleşdirýän ulgamyň döredilmegi.

### Görkezijiler we maksatlar (seret 4-nji ädim)

### Möhletler

Meýilnamada guramanyň her maksady we görkezijini haçan ýerine ýetirjekdigi görkezilýär.

### Jogapkärçilik

Meýilnamada her çäräniň ýerine ýetirilmegi we her görkezijä ýetilmegi babatynda jogapkärler bellenilýär.

### Býujet (seret 5-nji ädim)

Meýilnamada takmyny çykdajylar görkezilýär.

Ýaşyl howa gaznasy üýtgedilen maglumatlary esasynda.[36]

---

34 AAnžela Bester, Birleşen Milletler Guramasynyň ösüş ulgamynda netijelere gönükdirilen dolandyryş (Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we durmuş meseleler boýunça bölümi, 2016 ý.), s.iii

35 Şol ýerde.

36 ÝKG, Gender taýdan seljerme/bahalandyrma we Gender meseleleri hem-de durmuş ornaşdyrma boýunça iş meýilnamalarynyň nusgalary (ÝÝÝÝKG, 2018), s. 5-6.



# 4-nji ädim.
## Görkezijileriň toplumyny işläp taýýarlamak

Iş meýilnamasynda bellenen maksatlar ýa-da wezipeler görkezijileri kesgitlemek üçin esas bolup durýar. Goýlan maksatlara ýetmekdäki öňe gidişligi yzarlamak üçin kesgitlenýän görkezijiler, taslama baha bermäniň möhüm bir bölegidir. Görkezijileriň oňat toplumy ýolbaşçylara, gyzyklanma bildirýän taraplara, maliýe kömegini berýan guramalara we ilata islendik taslamanyň gender meseleleri bilen soraglary nä derejede üstünlikli çözýändigini görkezip bilýar.

Suw çeşmelerini dolandyrmak pudagynda gender syýasaty işlenip taýýarlananda – islendik oňat düzülen syýasatda bolşy ýaly – bu syýasatyň niýetlenen ilatynyň demografiki gurluşy göz öňünde tutulýar. Ýöne gender deňligi ugrundaky syýasat erkeklere we zenanlara degişli san maglumatlaryny aýratynlykda hasaba alýar. Maglumatlaryň jynsa, ýaşa we durmuş-ykdysady ýagdaýa görä bölünmegi islendik anyk meseläniň haýsy topara has köp täsir edýändigini görkezip bilýär hem-de anyk zerurlyklary kanagatlandyrmaga gönükdirilen çäreleri we maksatnamalary saýlamaga kömek edip bilýär. Käbir görkezijiler üçin jikme-jik maglumatlar aýratyn peýdaly bolup biler.

Görkezijileri taýýarlamagyň giňden ýaýran usullaryň biri görkezijileriň anyk, ölçenip biljek, ýetilip biljek, ähmiýetli we möhletli (SMART görkezijiler diýip atlandyrylýan) bolan ölegçlerini kesgitlemekden ybarat bolup durýar. Bu ölçegler täze görkezijiler taýýarlananda ýa-da könelere täzeden seredilende peýdalydyr.

### SMART görkezijiler

| | |
|---|---|
| **Anyk** | görkeziji nämäniň olçenjekdigini anyk beýan etmeli we şol bir wagtyň özünde birnäçe ölçeglerden ybarat bolmaly däldir. |
| **Ölçenip biljek** | görkezijini kimiň ulanýandygyna bagly bolmazdan, deňeşdirilýän netijeler alnyp bilinmeli we deň şertlerde yzarlanmaly. |
| **Ýetilip biljek** | bu görkeziji üçin maglumatlaryň ýygnalyş usuly sada, düşnükli we arzan bolmaly. |
| **Ähmiýetli** | görkeziji her bir degişli iş ýa-da netije bilen ýakyndan bagly bolmaly. |
| **Möhletli** | görkezijiniň bellenen möhleti bolmaly. |

Suw hojalygyndaky taslamalarda gender meselelerini hasaba almak boýunça SMART görkezijiler öz içine şu aşakdakylary alyp bilýär:

- ýolbaşçy weziplerindäki zenanlaryň we erkekleriň paýyny;
- çözgütleri kabul etmäge gatnaşýan zenanlaryň we erkekleriň paýyny;
- suwarym maksatly suwuň elýeter bolan zenanlaryň we erkekleriň paýyny.

Eger-de guramada geçirilen seljermäniň netijesi ýolbaşçy wezipelerde we çözgüt kabul etmekde zenanlaryň ýeterlik derejede gatnaşmaýandygyny görkezýän hem-de gurama deň gatnaşygy üpjün etmek boýunça öz üstüne borçnama alyp, ony belli bir möhlete niýetlenen meýilnama goşan bolsa, onda şu görkezijiler ulanylyp biliner.

Aziýanyň Ösüş Banky[37] özüniň taslamalary dolandyrmak boýunça gollanmalaryna GIM-lary goşýar hem-de özüniň taýýarlan görkezijiler toplumynyň nämäni ölçemelidigini beýan edýän maslahatlary öz içine alýar.

- Zenanlaryň we erkekleriň, gyzlaryň we oglanlaryň gatnaşygynyň derejesiniň, olar üçin bähbitleriň, netijeleriň we täsirleriň tapawutlary:
    - ýolbaşçy derejesindäki zenanlaryň paýy;
    - suwarym maksatly suwuň elýeter bolan zenanlaryň sany;
    - zenanlar tarapyndan dolandyrylýan kärhanalaryň bazardaky paýy.
- Erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky gatnaşyklardaky üýtgeşmeler (položitel ýa-da otrisatel), ýagny erkekleriň we zenanlaryň hem-de oglanlaryň we gyzlaryň arasynda deňlige ýa-da deňsizlige gönükdirilen üýtgeşmeler:
    - çözgüt kabul etmeklige gatnaşýan zenanlaryň sanynyň artmagy;
    - maliýe serişdeleriniň elýeterliligi bilen bagly erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky deňsizligiň azalmagy;
    - belli bir guramanyň býujetini düzmekde gender meselelerini hasaba almak tejribesiniň ýaýbaňlandyrylmagy.
- Bu üýtgeşemeler ösüş ugrundaky maksatlara ýetemeklige nähili täsir edýär, esasan hem, ykdysady ösüş, garyplygyň azalmagy we durnukly ösüşi gazanmak:
    - Hususy eýeçilige ýa-da oba hojalyk maksatly ýerlere hukugy bolan umumy oba ilatynyň paýy, erkekler we zenanlar üçin aýratynlykda;
    - Oba hojalyk maksatly ýerlere eýeçilik edýän ýa-da eýeçilik etmäge hukugy bolan zenanlaryň paýy, ýer hukugynyň görnüşlerine görä aýratynlykda.

Maslahatlaryň şu toplumy[38] erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky deňligiň görkezijilerini saýlap alanyňda esas hökmünde göz öňünde tutulmaly soraglary hem öz içine alýar:

- Gyzyklanma bildirýän taraplar erkeklere we zenanlara degişli maglumatlaryň aýratyn ýygnalmagynyň hem-de durmuş we gender häsiýetleriň seljermesiniň geçirilmeginiň näme üçin wajypdygyna düşünäýrlermi?
- Jynsa görä bölünen maglumatlaryň ýygnalmagy we seljerilmegi ugrundaky gatnaşyjylaryň we ýerine ýetirijileriň ukyplylyklaryny berkitmek gerekmi?
- Maglumatlar kim üçin niýetlenen? Gyzyklanma bildirýän esasy taraplar onuň nädip ulanyljakdygyna düşünýärlermi we bu olaryň zerurlyklaryny kanagatlandyrýarmy?
- Görkezijiler nä derejede sada we olara düşünmek aňsatmy? Bar bolan ýerli ulgamlaryň kömegi bilen maglumatlar aňsatlyk bilen ýygnalyp bilnermi?
- Görkezijiler gatnaşyjylaryň üstüne hasabatlylyk ugrunda täze borçnamalar ýükleýärmi ýa-da bar bolanlar bilen utgaşýarmy?
- Ýygnaljak maglumatlar ösüş pudagynda hem zenanlar üçin, hem-de erkekler üçin bellenen maksatlara ýetilendigini görkezermi? Şeýle hem, zenanlar we erkekler hem-de gyzlar we oglanlar üçin položitel netijeleriň arasynda uly aratapawut barmy?
- Wagtyň geçmegi bilen görkezijiler erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky gatnaşyklarda üýtgeşmeleriň we ymtylyşlaryň mukdaryna, şeýle hem, bu üýtgeşmeleriň we ymtylyşlaryň sebäplerine baha berilmegine kömek edermi?
- Maglumatlary ýygnamak üçin ulanyljak usullar hem hil, hem-de mukdar taýdan bolarmy?
- Görkezijileri kesgitlemek üçin durmuş we gender şertleriň seljerilmesi geçirildimi?
- Saýlanyp alnan görkezijiler erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky deňsizligi aýyrmaklyga hem-de olaryň arasyndaky deňlige goldaw berjek çäreleriň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin maglumat çeşmesi hökmünde hyzmat edermi?

Goşundyda Gender meseleleri boýunça Iş Meýilnamasynda ulanylyp bilinjek görkezijileriň Internet çeşmeleriniň salgylarynyň sanawy berlen.

[37] AÖB, Gender deňligi guraly Netijeler we Görkezijiler. (Aziýanyň Ösüş Banky, 2018), s. 6

[38] Şol ýerde.



# 5-nji ädim.
## Býujeti düzmek we hasabatlylyk ulgamynyň döredilmegi

Taslamalaryň býujetleri guramalar üçin suw çeşmeleri pudagyndaky maksatnamalaryň netijelerinden zenanlaryň we erkekleriň deň derejede peýda görmeklerini kepillendirmegiň guraly hökmünde hyzmat edip biler. Býujetler özbaşyna gender taýdan syýasy bitarap häsiýetli gural däldir we netijesinde işleriň dürli görnüşleriniň arasynda maliýe serişdeleriniň deň paýlanmazlygyna getirip biler hem-de ahyrky netijesinde gender meselelerini hasaba almak babatyndaky borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine päsgelçilik döredip biler. “BMG-Zenanlar” guramasy gender taýdan duýgur býujetiň düzülmegi baradaky konsepsiýasynyň beýanynda şeýle býujetleriň düzülmeginiň manysy zenanlar üçin aýratyn býujet düzülmeginde ýa-da zenanlara niýetlenen maksatnamalaryň çykdajylaryny köpeltmekde däldigini aýratyn belläp geçýär.

Has dogrusyny aýdanymyzda, gender taýdan duýgur býujetiň düzülmegi döwlet serişdeleriniň ýygnalmagynyň we paýlanylmagynyň netijeli hem-de gender deňligine ýetilmegine, şeýle hem zenanlaryň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňeldlmegine kömek etmegine gönükdirilen bolmalydyr. Ol zenanlaryň hukuklarynyň berkidilmegine kömek edýän syýasatyň amala aşyrylmagy  we kanunlaryň ulanylmagy üçin täsirli çäreleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýän düýpli seljermä esaslanmalydyr. Ol erkekleriň we zenanlaryň hem-de oglanlaryň we gyzlaryň dürli zerurlyklaryna we bar bolan girdejilere, çykdajylara hem-de bölünip berilýän serişdelere bolan goşantlaryna baha bermäge mümkinçilik berýär hem-de şu toparlaryň ählisi üçin bähbitli bolmagy üçin býujet syýasatyna düzedişler girizilmegine çagyrýar.[39]

Býujeti düzmegiň şunuň ýaly çemeleşmesi gurama derejesinde hem ulanylyp bilner.

[39] “BMG-Zenanlar”, Gender taýdan duýgur býujetiň düzülmegi

# Gysgaltmalar

| | |
|---|---|
| **ABŞ-nyň HÖA** | Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Halkara Ösüş Agentligi |
| **AHÝKM** | Adam Hukuklary boýunça Ýokary Komissaryň Müdirligi |
| **AÖB** | Aziýanyň Ösüş Banky |
| **BMG** | Birleşen Milletler Guramasy |
| **BMG-nyň DGM** | Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky Gurşaw boýunça Maksatnamasy |
| **BMG-nyň ÝYK** | Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa Ykdysady Komissiýasy |
| **BSG** | Bütindünýä Saglyk Guramasy |
| **CGIAR** | Halkara oba hojalyk ylmy-barlaglary boýunça Maslahat beriji topary |
| **GIM** | Gender Meseleleri boýunça Iş Meýilnamasy |
| **HDG** | Hökümete Degişli däl Guramalar |
| **KMG** | Klimat Maýa goýum Gaznasy |
| **PPCR** | Howanyň üýtgemegine garşy durnuklylygy ýokarlandyrmak boýunça Synag taslamasy |
| **SÇTD** | Suw çeşmelerini toplumlaýyn dolandyrmak |
| **SSA** | Suwy Sarp edijileriň Assosiasiýasy |
| **SUA** | Suw ulanyjylaryň Asssosiasiýasy |
| **WECF** | Zenanlar umumy geljek üçin |
| **YHÖG** | Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasy |
| **ÝGDI** | Ýewropanyň Gender Deňligi boýunça Instituty |
| **ÝHHG** | Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy |
| **ÝKG** | Ýaşyl Howa Gaznasy |
| **ÝTÖB** | Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş Banky |
| **ÝUNISEF** | Birleşen Milletler Guramasynyň Cagalar Gaznasy |

# Salgylanmalar


Asian Development Bank. "Women, Water and Leadership." *ADB Briefs* (2014). Accessed on January 29, 2020. https://www.womenforwater.org/uploads/7/7/5/1/77516286/2016_adb_women-water-and-leadership.pdf

Asian Development Bank. "Tool Kit on Gender Equality Results and Indicators." *Asian Development Bank* (2018). Accessed on January 29, 2020. https://www.adb.org/sites/default/files/institutional-document/34063/files/tool-kit-gender-equality-results-indicators.pdf

Bester, Angela. "Results-Based Management in the United Nations Development System." *United Nations Department of Economic and Social Affairs* (2016). Accessed on January 29, 2020. https://www.un.org/en/ecosoc/qcpr/pdf/sgr2016-studies-rbm-8jan2016.pdf

Duban, Elisabeth. "Tajikistan: Country Gender Assessment." *Asian Development Bank* (2016). Accessed on January 29, 2020. https://www.adb.org/sites/default/files/institutional-document/185615/tajikistan-cga.pdf

European Bank for Reconstruction and Development. "How private sector investment can support gender-responsive, climate-resilient development in Tajikistan: Guidance Note." Gender Guidance Note (2019). Accessed on January 29, 2020. https://www.climateinvestmentfunds.org/sites/cif_enc/files/knowledge-documents/gender_guidance_note_web_september2019final.pdf

European Institute for Gender Equality. "Gender Blindness." Accessed on January 29, 2020. https://eige.europa.eu/thesaurus/terms/1157

European Institute for Gender Equality. "Gender Neutral." Accessed on January 29, 2020. https://eige.europa.eu/thesaurus/terms/1190

European Institute for Gender Equality. "What is gender mainstreaming?" Accessed on January 29, 2020. https://eige.europa.eu/gender-mainstreaming/what-is-gender-mainstreaming

Global Water Partnership. "Integrated water resources management in Central Asia: The challenges of managing large transboundary rivers." *Global Water Partnership* (2014). Accessed on January 29, 2020. https://www.gwp.org/globalassets/global/toolbox/publications/technical-focus-papers/05-integrated-water-resources-management-in-central-asia.pdf

Green Climate Fund. "Gender Analysis/Assessment and Gender and Social Inclusion Action Plan Templates." GCF (2018). Accessed on January 29, 2020. https://www.greenclimate.fund/documents/20182/574712/Form_09_-_Gender_Assessment_and_Action_Plan_Template.pdf/3f4b8173-fbb2-4bc7-9bff-92f82dadd5c0

Lefore, N., Weight, E. and Mukhamedova, N. "Improving Gender Equity in Irrigation: Application of a Tool to Promote Learning and Performance in Malawi and Uzbekistan." *R4D Learning Series* (2017). Accessed on January 29, 2020. http://www.iwmi.cgiar.org/Publications/wle/r4d/wle_research_for_development-learning_series-6.pdf

March, C., Smyth, I. and Mukhopadhyay, M. "A Guide to Gender-Analysis Frameworks." OXFAM (1999). Accessed on January 29, 2020. http://policy-practice.oxfam.org.uk/publications/a-guide-to-gender-analysis-frameworks-115397

Organisation for Economic Co-operation and Development. "OECD Principles on Water Governance." *Centre for Entrepreneurship, SMEs, Regions and Cities* (2015). Accessed on January 29, 2020. https://www.oecd.org/cfe/regional-policy/OECD-Principles-on-Water-Governance.pdf

Organisation for Economic Co-operation and Development. "Stakeholder Engagement for Inclusive Water Governance." *OECD Studies on Water* (2015). Accessed on January 29, 2020. https://www.oecd.org/gov/stakeholder-engagement-for-inclusive-water-governance-9789264231122-en.htm

Organization for Security and Co-operation in Europe. "Aarhus Centres: Water resource management." Accessed on January 29, 2020. https://aarhus.osce.org/activities/water-resources-management

Organization for Security and Co-operation in Europe. “Women, water and security.
” *Environmental activities, Gender equality* (2015). Accessed on January 29, 2020.
https://www.osce.org/secretariat/176671

Organization for Security and Co-operation in Europe, Gender mainstreaming in Aarhus Activities: A guideline for practitioners (OSCE Secretariat, OSG/Gender Section, 2012), p.15
Accessed on January 29, 2020.
https://www.osce.org/gender/87675?download=true

The Office of the High Commissioner for Human Rights (UN Human Rights). “Women’s Human Rights and Gender Equality.” Accessed on January 29, 2020.
https://www.ohchr.org/EN/Issues/Women/WRGS/Pages/WRGSIndex.aspx

The United Nations Children's Fund. “Gender Equality: Glossary of Terms and Concepts.”
*UNICEF Regional Office for South Asia* (2017). Accessed on January 29, 2020.
https://www.unicef.org/rosa/media/1761/file/Gender%20glossary%20of%20terms%20and%20%20concepts%20.pdf

The United Nations Entity for Gender Equality and the Empowerment of Women (UN Women).
“Gender Mainstreaming.” Accessed on January 29, 2020.
https://www.unwomen.org/en/how-we-work/un-system-coordination/gender-mainstreaming

The United Nations Entity for Gender Equality and the Empowerment of Women (UN Women). "Guidance Note: Gender Mainstreaming in Development Programming." The UN System Coordination Division of UN Women (2014). Accessed on April 29, 2020.
https://www.unwomen.org/-/media/headquarters/attachments/sections/library/publications/2014/gender-mainstreaming-issuesbrief-en%20pdf.pdf?la=en&vs=747

United Nations Economic Commission for Europe & Organization for Security and Co-operation in Europe. “Project Report: Development off cooperation on the Chu and Talas Rivers.” *Chu – Talas II* (2011).
Accessed on January 29, 2020.
https://www.unece.org/fileadmin/DAM/env/water/Chu-Talas/ChuTalas_II_Project_Report_Short_ENG.pdf

United Nations Environment Programme, United Nations Development Programme, Organization for Security and Co-operation in Europe, The North Atlantic Treaty Organization.
“Environment and Security: Transforming risks into cooperation.” *UNEP, UNDP, OSCE, NATO* (2005).
Accessed on January 29, 2020.
http://www.envsec.org/publications/ENVSEC.Transforming%20risks%20into%20cooperation.%20Central%20Asia.%20Ferghana-Osh-Khujand%20area_English.pdf

United Nations Environment Programme. “Global gender and Environment Outlook.”
*UN Environment* (2016). Accessed on January 29, 2020.
http://wedocs.unep.org/bitstream/handle/20.500.11822/14764/GLOBAL%20GENDER%20AND%20 ENVIRONMENT%20OUTLOOK.pdf?sequence=1&isAllowed=y

United Nations Water. “Gender-disaggregated Data on Water and Sanitation: Expert Group Meeting Report.” *UN-Water Decade Programme on Capacity Development UNW-DPC* (2009).
Accessed on January 29, 2020.
https://www.unwater.org/publications/gender-disaggregated-data-water-sanitation-expert-group-meeting-report

United States Agency for International Development. “Monitoring Organizational Capacity Development Efforts.” *Learning Lab* (2018). Accessed on January 29, 2020.
https://usaidlearninglab.org/library/monitoring-organizational-capacity-development-efforts

W., E. “How taking gender into account can be good for a country’s economy.”
The Economist (2017) Accessed on January 29, 2020.
https://www.economist.com/the-economist-explains/2017/03/03/what-is-gender-budgeting

Women Engage for a Common Future International. “The gender impact assessment and monitoring tool.” *Women2030* (2018). Accessed on January 29, 2020.
https://www.women2030.org/wp-content/uploads/2019/01/FINAL-GIM-Tool-Jan-19.pdf

World Health Organization. “Integrating gender into HIV/AIDS programmes in the health sector: Tool to improve responsiveness to women’s needs.” *WHO press* (2009), Accessed on January 29, 2020.
https://apps.who.int/iris/bitstream/handle/10665/43980/9789241597197_eng.pdf;jsessionid=6B6E-599B1A6D6660B3BC5B4FDCDA5441?sequence=1

# Goşundy.
## Guramanyň işiniň gender taýdan seljermek üçin materiallar

### Gender taýdan seljerme jetweli

| Dereje | Zähmet<br>Kim näme edýär? | | Wagt<br>Näçe wagt sarp edilýär we nämä? | | Çeşmeler<br>Kim üçin elýeter we (ýa-da) kimiň gözegçiliginde? | | Medeniýet<br>Medeniýet elýeterlilige we (ýa-da) gözegçilige nähili täsir edýär? | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Zenanlar | Erkekler | Zenanlar | Erkekler | Zenanlar | Erkekler | Zenanlar | Erkekler |
| **Öý hojalygy** | | | | | | | | |
| **Ilatly ýer** | | | | | | | | |
| **SUA** | | | | | | | | |
| **Basseýn assosiasiýasy** | | | | | | | | |

Oxfam (1999) Gender taýdan seljerme ulgamlary boýunça gollanma.[40]

Jetwel umumy sada nusgadyr. Beýleki materiallary aşakdaky salgylardan alyp bilersiňiz.

### Gender taýdan seljerme üçin beýleki peýdaly materiallaryň salgylary

Dünýä Bankynyň Suw hojalygynyň işlerinde gender meselelerini hasaba almak boýunça guraly (2016
https://www.climateinvestmentfunds.org/sites/cif_enc/files/genderinwater_07_040416_web.pdf

OECD GENDERNET Practice Notes
https://www.oecd.org/dac/gender-development/44843807.pdf

Bütindünýä Saglyk Guramasynyň Gender taýdan Baha berme guraly
https://www.who.int/gender/mainstreaming/GMH_Participant_GenderAssessmentTool.pdf

**Görkezijileriň mysallary**

- UNESCO Overview of resources on gender-sensitive data related to water (2015)
  http://www.unesco.org/new/fileadmin/MULTIMEDIA/HQ/SC/pdf/Overview_of_resources_on_gender_sensitive_data_related_t_01.pdf
- UNESCO Sex-disaggregated indicators for water assessment, monitoring and reporting (2015)
  https://unfccc.int/files/gender_and_climate_change/application/pdf/234082e.pdf
- OECD Gender Indicators: What, Why and How?
  http://www.oecd.org/dac/gender-development/43041409.pdf
- OSCE Project Management in the OSCE (2010)
  https://www.osce.org/secretariat/70693?download=true
- Compass
  https://www.thecompassforsbc.org/how-to-guides/how-develop-indicators

[40] C.March, I.Smyth, Mukhopadhyay, Gender taýdan seljerme ulgamlary boýunça gollanma (Oxfam 1999).



Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG) Suw çeşmelerini toplumlaýyn dolandyrmak boýunça türgenleşik okuwlary, suw ulanyjy assosiasiýaslaryna we derýa howuzlarynyň geňeşlerine goldaw bermek hem-de suw çeşmelerini dolandyrmakda gender meseleleriniň hasaba alynmagyny wagyz etmek arkaly ýerlikli suw dolandyryşyny öňe sürýär. ÝHHG sebitinde hem-de onuň çäkleriniň daşynda howpsuzlyk we durnuklylyk täýdan suw çeşmeleriniň dolandyrylyşy äýgytlaýyjy häsiýete eýedir hem-de diňe ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk arkaly üstünlikli amala aşyrylyp bilinýär. Suw çeşmeleriniň dolandyryşynda köppudaklaýyn we köptaraplaýyn utgaşdyrmanyň esasyny üpjün etmek zerurdyr; bu işe döwletlerden daşary raýat jemgyýetçiligi, husysy kärhanalar we ýerli ilat hem işjeň gatnaşmalydyr.

ÝHHG suw syýasatynyň erkekleriň we zenanlaryň ýagdaýyna bolan uly täsirini hem-de suw çeşmeleriniň has adalatly we netijeli dolandyrylmagynda gender deňligi bilen bagly soraglaryň uly potensialyny göz öňünde tutup, özüniň suw çeşmeleri we suw diplomatiýasy bilen bagly işlerinde bu soraglaryň goşulmagyna goldaw bermäge jan edýär.

ÝHHG Merkezi  Aziýadaky suw hojalygyny dolandyrmakta gender meselelerini hasaba almak boýunça şu gollanmmany suw hojalygynyň hünärmenleri üçin taýýarlady. Suw hojalygyny dolandyrmaklykda gender meselelerini hasaba almaklyk durnuklylyga we howpsuzlyga ýardam berýär, çünki bu has netijeli syýasatyň taýýarlanmagyna hem-de durmuş deňagramsyzlygyň we dartgynlygyň azalmagyna sebäp bolup bilýär. Zenanlar we erkekler suwuň nädip ulanylmalydygy barada deň derejede çözgüt kabul edenlerinde, alnan çözgütler maksada has gowy gönükdirilen we tutuş ilatyň talaplaryny has oňat beýan ediji bolýar.

Gyrgyzystan, Fergana jülgesi.
Merkezi Aziýanyň içinden geçýän suwaryş we suw sowujy ýaplarynyň labirintinde
© Carolyn Drake/Magnum Photos

Organization for Security and Co-operation in Europe

Ýewropada Howpsuzlyk we
Hyzmatdaşlyk Guramas

Wallnerstrasse 6
A-1010 Vienna, Austria
Tel.: +43 1 514 360

pm@osce.org
www.osce.org